# DÜNÝÄ EDEBIÝATYNYŇ ALTYN HAZYNASYNDAN




«Polkownige hat ýazýan ýok» powesti, Gabriel Garsia Markesiň özüniň aýtmagyna görä, onuň eserleriniň iň naýbaşylarynyň biridir. 1958-nji ýylda okyjylara hödürlenen bu powestiniň has çeper, gahrymanlaryň ruhy dünýäsiniň doly açylyp görkezilmegi üçin ýazyjy ony 11 gezek täzeden göçüripdir. Ýazyjynyň yhlas baryny siňdiren bu eseri okyjylaryň ünsüni çekmegi başardy.

Ýalňyzlyk, durmuşyň hupbatlary, mätäçlik, açlyk we bimarlyk, emeldarlaryň parhsyzlygy hakda söhbet açýan, şol bir wagtda hem şeýle kynçylyklara uçran adamyň ýanbermezligi, adalatyň dabaralanmagyna egsilmez ynamy wasp edilýän bu powest diňe bir kolumbiýa edebiýatynda däl, eýsem, tutuş latyn-amerikan edebiýatynda hem nusgalyk eserdir.

Döredijilik terzi, diliniň özboluşlulygy, birnäçe jümlede ummasyz manyny beýan edip bilýändigi, döreden keşplerini aýdyň göz öňüne getirip bolýandygy bilen tapawutlanýan ussat ýazyjynyň bu powesti onuň esasy eseriniň — «Ýüz ýyl ýalňyzlyk» romanynyň buşlukçysy mysalydyr.

# Gabriel Garsia Markes

## Polkownige hat ýazýan ýok

### (powest)




Polkownik demir gutyny açdy-da, onuň içinde galan kofäniň bir çaý çemçeden köp däldigini gördi. Gazanjygy otdan aýryp, suwuň ýarysyny ýere dökdi we pos bilen garyşan iň soňkuja kofe owuntyklaryny gazanjyga silkeläp başlady.

Polkownik kofe gaýnaýança, pejiň golaýynda oturyp, böwrüne diň saldy. Onuň göwnüne iç goşlarynda zäherli kömelekdir suwotulary gögeren ýalydy. Hatda wagtyň ýüregedüşgünç akymyna werdiş bolan polkownik ýaly adama-da çekip-çydamak kyn düşýän oktýabr günleriniň säher çagydy. Ýogsam ol, gör, näçe oktýabry başdan geçiripdi ahyry! Ynha, indi elli alty ýyldyr — raýat urşundan bäri şunça ýyl geçipdi — polkownigiň bar edýäni garaşmakdy. Bu oktýabr säheri hem onuň garaşyp ýeten günleriniň biridi.

Aýaly onuň ýatyş otagyna kofeli girenini görüp peşehanany galdyrdy. Agşam demgysma horlansoň, häzir uky bürüp barýardy. Ýöne, her niçigem bolsa, ol kofeli gaby almak üçin dikeldi.

— Özüňe-de barmy?

— Men eýýäm içdim. Gutynyň içinde tutuş bir nahar çemçesi kofe bar eken — diýip, polkownik ýalan sözledi.

Şol pursatda kilisäniň jaňynyň sesi eşidildi. Bu gün merhumyň jaýlanylýany polkownigiň ýadyna düşdi. Aýaly kofe içýänçä, ol ýatýan tor sallançagyny aýyrdy, düýrläp, gapynyň aňyrsyna ýygşyrdy.

Aýaly merhum hakda pikirlenip oturyşyna:

— Ol ýigrimi ikinji ýylda doglupdy. Oglumyzdan laýyk alty aý soň. Altynjy aprelde — diýdi.

Haşlap, agyr dem alyp, arasynda kofäni az-azdan owurtlaýardy. Onuň süňkleri inçedi, sähel zada döwläýjek ýalydy, bedeni bireýýäm çeýeligini ýitiripdi. Demini

kynlyk bilen alýanlygy sebäpli, sesine bat berip bilenokdy, şonuň üçin hem onuň ähli sowallary tassyklama äheňinde eşidilýärdi. Ol kofäni içip boldy. Merhum hakdaky pikirler halys ony goýmady.

— Oktýabrda jaýlanylsaň, elhenç bolýar gerek, dogry dälmi? — diýdi.

Emma adamsy onuň sözlerine üns bermedi, baryp penjiräni açdy. Eýýäm oktýabr höküm sürýärdi. Suwy bol ýeten gür ösümliklere, ýagyş gurçuklarynyň yzgarly ýeriň ýüzünde görünýän yzlaryna ser salyp durşuna, polkownik ýene onuň elhençligini ähli içgoşy bilen duýdy.

— Meniň-ä süňklerimem çyg çekipdir öýdýän — diýdi.

— Gyş-da. Ýagyş başlaly bäri saňa aýagyň joraply ýat diýe-diýe dilim syryldy — diýip, aýaly jogap gaýtardy.

Ownuk, ýüregedüşgünç ýagyş ýagýardy. Polkownigiň ýüň ýapynja dolanaga-da, ýene-de tor sallançakda ýatasy gelýärdi. Ýöne çat açan bürünç jaňlaryň batly sesi merhumyň jaýlanyljagyny ýatladýardy. Ol:

— Hawa, oktýabr-da — diýip pyşyrdady-da, penjiräniň öňünden aýryldy.

Krowatyň aýagyna daňlan horaz diňe şol wagt onuň ýadyna düşdi. Ol uruşdyrylýan horazdy.

Polkownik kofe içilen gaby aşhana äkitdi, uly otagdaky oýulyp nagyş çekilen agaç gapyrjakly diwar sagadyna tow berdi. Demgysmaly üçin juda darajyk ýatyş otagyndan tapawutlylykda, uly otag has giňdi, içinde örtük örtülen, üstünde gipsden ýasalan owadan pişik oturan stol, onuň töwereginde bolsa dört sany örme kürsi bardy. Diwarda, sagadyň garşysynda gaýykda oturan ýukajyk ak eşikli, daşy bägüllerdir amurlar[1] bilen gurşalan aýalyň keşbi çekilen surat asylgydy.

Sagada tow berip bolanda, ýediden ýigrimi minut işleýärdi. Horazy aşhana äkitdi, ony ojagyň golaýynda daňdy, jamdaky suwy täzeledi, öňüne bir goşawuç mekgejöwen guýdy. Çybyklardan örülen haýatyň deşiginden birnäçe oglanjyk girip, horazyň daşynda egele bolup oturdylar we ony ses-üýnsüz synlap başladylar.

Polkownik:

[1] Amur – antik mifologiýada ganatly oglanjyk şekilinde suratlandyrylýan eli ok-ýaýly söýgi Hudaýy. — Terjimeçiniň belligi.

— Hany, tiňkäňizi dikip oturmaň. Uzak syn edilse, horazlar sandan çykýar — diýdi.

Çagalar gymyldamady. Olaryň biri dodak garmonikasynda[2] ýoň bolan aýdymjygyň heňini çalyp başlady. Polkownik:

— Bu gün saz çalmak bolmaýar. Şäherde adam ýogaldy — diýdi.

Oglanjyk garmonikasyny jübüsinde ýygşyrdy, polkownik bolsa ýas ýerine gitmek üçin eşigini çalşyrmak üçin otaga girdi.

Demgysmanyň güýjemegi sebäpli, aýaly onuň ak kostýumyny ütüklemändi, onsoň polkownige öýlenenden soň diňe seýrek ýagdaýlarda geýýän gara mawut kostýumyny geýmekden başga alaç galmady. Ol naftalin sepilip, gazete dolanan eginbaşyny sandygyň düýbünden kynlyk bilen tapdy. Aýaly düşeginde süýnüp ýatyşyna, entegem merhum hakda oýlanýardy.

— Ol häzir Agustin bilen eýýäm duşuşan bolsa gerek. Ýöne ýogalandan soň güzeranymyzyň agyrlaşanyny Agustine gürrüň bermäýbilsedir — diýdi.

— Megerem, ol ýerde-de horazlar hakda jedelleşýän bolsalar gerek — diýip, polkownik çak etdi.

Ol sandykdan örän ullakan, köne saýawan tapdy. Aýaly ony polkownik hem agzasy bolan partiýanyň haýryna geçirilen lotereýada[3] utupdy. Olar şol agşam spektakldady; oýun daşarda görkezilipdi, hatda ýagyş ýagsa-da, onuň arasyny kesmändiler. Polkownik, onuň aýaly we Agustin — ol şol wagt sekiz ýaşyndady — saýawanyň aşagynda gizlenip, soňuna çenli oturypdy. Indi Agustin-ä aýatdaýok, saýawanyň ak atlaz içligine bolsa güýe düşüpdir.

— Bu masgarabaz saýawanyna seretsene — diýip, polkownik endigi boýunça bälçiredi-de, saýawanyň demir simlerden örülen binýadyny depesinde açdy. — Bu indi diňe ýyldyzlary sanamagaýarajak.

Ol ýylgyrdy. Emma zenan saýawana seretmedem.

— Indi hemme zat gutardy. Biz diriligimize çüýräp barýarys — diýip, aýaly pyşyrdady.

---

[2] Garmonika – üflenip çalynýan saz gurallarynyň bir görnüşi.

[3] Lotereýa – petek çekilip ýa satyn alnyp oýnalýan bijeli oýun.

Hiç bir zat merhum hakda pikirlenmäge päsgel bermez ýaly gözlerini ýumdy.

Telli-pelli syrynyp — aýna bireýýämden bäri ýokdy — polkownik sesini çykarman geýindi. Içinden geýilýän eşik ýaly dar jalbary aýaklaryna syrlaşyp durdy, ilikleri topugyň ýanynda ildirilip, bilinde iki sany insizje mata bölegi gyzyl çaýylan halkajykdan geçirilip daňylýardy. Polkownik kemer dakynanokdy. Könelen gaty kagyza meňzeş galyň matadan tikilen köýnegi mis ilik bilen baglanýardy, köýnegiň ýakasynam şol ilik saklaýardy. Ýöne ýaka ýyrtylypdy, şol sebäpli polkownik ony daňmazlygy, bolanyna görä, boýunbagyny-da dakynmazlygy makul bildi.

Onuň geýnişi dabaraly bir dessury berjaý edýäne meňzeýärdi. Süňklek eliniň gyzyl menekler — şeýle menekler boýnunda hem bardy — ören aňyrsy görünýän hamy çekilişip durdy. Ýalpyldawuk köwşüni geýmezden ozal, onuň tikinli gyrasyna ýelmeşen hapany gazap aýyrdy. Polkownige nazar aýlan aýaly onuň edil toý günündäki ýaly geýnenini gördi. Şobada hem ýanýoldaşynyň gaty garranyna dykgat etdi.

— Ne beýle bezenipsiň-le? Hamala diýersiň, üýtgeşik bir waka bolan ýaly — diýdi.

— Elbetde, üýtgeşik zat. Şunçaýylyň içinde ilkinji adam öz ajalyna ýogaldy — diýip, polkownik jogap gaýtardy.

Sagat dokuzlara ýagyş diňdi. Polkownik öýden çykjak bolanda, aýaly ýeňinden tutup saklady.

— Saçyňy dara.

Ol özüniň polat reňkli gaty saçyny buýnuz darak bilen ýylmamaga synandy. Ýöne eýgertmedi.

— Men, totuguşa meňzeýän öýdýän — diýdi.

Zenan ärine ünsli syn etdi. «Ýok, ol totuguşa meňzänok» diýip oýlandy. Polkownik berk bedenli, agajet adamdy. Ýöne ol spirtli çüýşä salnan ýaly görünýän gojalara meňzänokdy: gözi ýaşamak hyjuwyndan purepürdi. Aýaly:

— Hemme zat gül ýaly — diýdi. Äri otagdan çykyberende hem — Lukmandan sorasana: bize gelenok welin, näme, üstünden gaýnag suw dagy guýlaýdymyka? — diýip, sözüniň üstüni ýetirdi:

Olar kiçijik şäherjigiň çetinde, diwarlarynyň kä ýerinde suwagy gopan, üsti palma ýapraklary bilen basyrylan öýjagazda ýaşaýardy. Ýagyş eýýäm diňenem bolsa, howa ozalkysy ýaly çyglydy. Polkownik öýler biri-birine gysylyşyp duran kiçijik köçe bilen ýöräp meýdança bardy. Merkezi köçä ýetenden, birden üşüdip başlady. Tutuş şäherjige garagörnüme çenli, göýä haly ýaly edilip güller düşelipdi. Gara geýnen aýallar gapylarynyň agzynda oturyşyna, gölegçileriň geçerine garaşýardy.

Polkownik meýdançadan geçip barýarka, ýagyş gaýtadan çisňäp ugrady. Bilýardhananyň hojaýyny jaýynyň açyk gapysyndan seredip, elini bulady-da:

— Polkownik, aýak çekiň, men size saýawan bereýin — diýip gygyrdy.

Polkownik yzyna gaňrylman:

— Alada galmaň, şeýle-de bolýar — diýip jogap gaýtardy.

Merhum heniz çykarylmandy. Ak kostýum geýip gara boýunbag daňnan erkek kişiler saýawanlaryny açyp girelgäniň ýanynda durdy. Olaryň biri polkownigiň meýdançada oýtumlara ýygnanan suwuň üstünden böküp geçýänine gözi düşüp:

— Garyndaş, şu ýere geläý — diýip, saýawanyň aşagynda ýer hödürledi.

Polkownik:

— Sag bol, garyndaş — diýip jogap berdi.

Ýöne mürehetden peýdalanmady. Merhumyň ejesine gynanç bildirmek üçin, derrew öýe girdi. Şobada hem, burnuna gül ysy urdy. Demi tutuldy. Ýatyş otagynda hyň berýän märekäniň arasyndan omzap başlady. Bir-ä onuň arkasyna elini diräp, hatar-hatar bolup duran aljyraňňy ýüzleriň deňinden otagyň törüne — merhumyň burnunyň uly we çuň deşikleri garalyp görünýän ýere itekläp goýberdi.

Merhumyň ejesi tabydyň ýanynda oturyşyna, palma ýapraklaryndan ýasalan ýelpewaç bilen siňekleri kowýardy. Gara geýnen beýleki aýallar jan giden göwrä edil derýanyň akyşyna seredýän terzde seredýärdi. Birden märekede gowur eşidildi. Polkownik bir aýaly gapdala sowdy-da, merhumyň ejesine eglip, elini onuň egnine goýdy. Dişini gysyp:

— Çuňňur gynanjymy kabul ediň — diýdi.

Merhumyň ejesi başyny galdyrmady. Agzyny açyp, uwlamaga başlady. Polkownik tisginip gitdi. Gamgyn ahy-nala başlan märekäniň özüni jesede tarap itekleýänini duýdy. Diwardan ýapyşmaga synandy, emma elleri ony tapman,

adamlaryň bedenine direnýärdi. Gulagynyň ýanynda biriniň ýumşak, ýuwaş sesi eşidildi:

— Ägä bolaweriň, polkownik!

Ol öwrüldi. Gözi merhuma düşdi. Ony tanamak kyndy: diri mahaly berdaşly, ýeňil gopýan adamdy, häzir weli, ak kepene dolanan, eli klarnetli halda edil polkownik ýaly aljyraňňy görünýärdi. Polkownik agzy bilen birneme howa dartmak üçin kellesini galdyran mahaly, eýýäm ýapylan tabydyň adamlaryň depesinde hallan atyp, diwara degip ezilýän gülleriň tolkuny bilen gapa tarap äkidilip barýanyny gördi. Polkownigi der basdy. Bogunlary syrkyrap başlady. Bir minutdan gabaklaryna ýagyş damjalary düşdi — şonda polkownik köçede duranyna düşündi. Biri ýeňinden tutup:

— Çaltrak, garyndaş, men size garaşýaryn — diýdi.

Ol don Sabasdy. Ol polkownigiň ýogalan oglunyň çokundyran atasydy, partiýanyň ýolbaşçylarynyň arasynda syýasy yzarlanmalardan sypan we şäherde ýaşamagyny dowam edýän ýeke-täk adamdy.

Polkownik:

— Sag bol, garyndaş — diýdi-de, saýawany penalanyp sesini çykarman ýöräberdi. Orkestr göleg sazyny çalýardy. Polkownik klarnetiň ýetmeýänine üns berdi we merhumyň, dogrudanam, aradan çykany edil şu pursatda hem oňa, hakykatdanam, düşnükli boldy-da:

— Biçäre — diýip pyşyrdady.

Don Sabas ardynjyrady. Ol polkownikden esli gysga bolansoň, saýawany tutýan çep elini ýüzüniň deňine diýen ýaly galdyrypdy. Gölegçiler meýdançadan geçensoň, erkekler dil açdy. Don Sabas gussaly görnüşde polkownige tarap öwrüldi:

— Horaz nähili, garyndaş?

— Gezip ýör öz-ä.

Şol wagt hem:

— Merhumyň yzynda sürreneklesip nirä barýaňyz-how? — diýen gykylyk eşidildi.

Polkownik gözüni galdyrdy: kazarmanyň eýwanynda nutuk sözlejek ýaly bolup, alkald[4] durdy. Ol tammanly, ýeňiljek ýüň köýneklidi, sakgal-murty syrylmadyk, ýüzi ýellenendi. Sazandalar göleg sazynyň arasyny kesdi. Edil şol pursatda diýen ýaly hem, polkownik jogap hökmünde alkalda bir zat diýip gygyrýan tagsyr Anhemiň sesini eşitdi. Polkownik gulagyny keýertdi: saýawana urulýan ýagşyň şybyrdysy sözleri basýardy.

— Näme bold-aý? — diýip, don Sabas sorady.

— Hiç zat — diýip, polkownik jogap berdi. — «Merhumy polisiýa jaýynyň öňünden göterip geçmek bolmaýar» diýýär.

— Men düýbünden unudan ekenim-ä! Gabaw ýagdaýynda ýaşaýanymyzy mydama unudyp ýörşüm-dä — diýip, don Sabas janykdy.

— Ýöne biz gozgalaň turzamzok ahbetin. Ýönekeý garyp sazandany jaýlaýarys-a— diýip, polkownik närazylyk bildirdi.

Gölegçiler başga ugur bilen ýöräp ugrady. Şäheriň garamaýaklar ýaşaýan çetinden geçilende, aýallar gölegçilere seredişip, sesini çykarman dyrnaklaryny dişledi. Soň bolsa köçäniň ortasyna döküldiler-de, hamala diýersiň, merhumyň tabytda özlerini eşidip ýatanyna ynanýan ýaly, gölegçileriň yzyndan öwgi, minnetdarlyk, hoşlaşyk sözlerini aýtmaga durdular. Gonamçylykda polkownigiň özüni duýşy ýaramazlaşdy. Don Sabas tabyt göterip gelýän adamlary geçirmek üçin, polkownigi diwara tarap itdi, soň ötünç soraýan şekilde ýylgyryp oňa tarap öwrülende, polkownigiň ýüzüniň garört bolanyny gördi.

— Size näme boldy, garyndaş?

Polkownik tisgindi.

— Oktýabr, garyndaş, otýabr...

Yzlaryna-da şol ýol bilen dolandylar. Ýagyş diňdi. Asman has beýgelipdi, göm-gökdi. «Ine, ýagyşam diňdi» diýip, polkownik oýlandy. Özüni duýşy oňadrakdy, ýöne ol entegem içki ýagdaýyna diň salýardy. Don Sabas:

— Siziň lukmana görünmegiňiz gerek, garyndaş — diýip, ony hakykata dolap getirdi.

---

[4] Alkald – Ispaniýada we Latyn Amerikasynyň birnäçe ýurtlarynda ýerli häkimiýet edarasynyň başlygy.

— Men syrkaw däl. Ýöne oktýabrda özümi içgoşlarymy edil ýabany haýwanlar çeýneýän ýaly duýýaryn — diýip, polkownik jogap berdi.

— Hä-ä...

Don Sabas penjireli ýerine demir gözenek edilen täze, ikigat öýüniň gapysynyň agzynda onuň bilen hoşlaşdy. Polkownik öýüne tarap ýöneldi, gara toý kostýumyny çaltrak egninden sypyrasy gelýärdi. Az salymdan çüňkdäki dükanjykdan bir guty kofe we horaza ýarym gadak mekgejöwen satyn almak üçin ýene daşary çykdy.

Polkownik bu penşenbäni tor sallançakda ýatyp geçirmegi kem görmese-de, horaz bilen meşgul boldy. Ýagyş eýýäm birnäçe günläp dyngysyz ýagýardy. Onuň garnyndaky suwotulary geçen hepdäniň içinde pajarlap ösüpdi. Aýalynyň boguk hyrryldysy uklamaga goýmansoň, gijelerini çirim etmän geçirdi. Anna güni gündiz oktýabr arakesme etdi. Agustiniň işlän ussahanasynyň tikinçileri — horaz urşunyň janköýerleri bolan deň-duşlary — pursatdan peýdalanyp, horazy görmäge geldi. Horaz guratdy. Polkownik olar gidenden soň, aýalynyň ýanyna gaýdyp bardy. Aýaly:

— Olar näme diýýär? — diýip sorady.

— Olaryň-ha gaty göwni ýetdi. Eýýäm horaza goýmak üçin pul süýşürip başlapdyrlar.

— Olaryň bu gorkunç horazyň nämesine söýünýänini bilýän däldirin — diýip, aýaly seslendi. Aýaklaryna seredeniňde kellesi juda kiçi gelýär — tüýs bir betnyşanyň bar-da.

— Olar-a «Munyň töwerekde iň gowy horazdyr» diýýär. Bahasy elli pesodan[5] arzan dälmiş — diýip, polkownik garşy boldy.

Polkownik bu deliliň oglundan galan horazy özüniň saklamak niýetini aklaýanyna ynanýardy: ogluny çagyryş kagyzlaryny ýaýradýany üçin dokuz aý ozal horaz uruşdyrylýan mahaly oka tutup eleme-deşik edipdiler.

— Näme peýdasy bar? Mekgejöwen gutarsa, biz ony öz bagrymyz bilen iýmlemeli bolaýmasak — diýip, aýaly ýeň bererli däldi.

Şol wagt eşik salynýandan kenep matadan tikilen balagyny gözleýän polkownik oýa batdy.

[5] Peso – ownuk pul birligi.

— Birküç aý sabyr etsek, bolany. Ýanwarda horaz urşunyň boljagy anyk belli. Onsoň ony has gymmat satarys — diýdi.

Balak ýygyrt-ýygyrtdy. Aýaly ony ýasy demriň üstünde goýup, gyzgyn howa bilen gyzdyrylýan iki ütükde ütükläp başlady.

— Saňa öýden çykmagyň näme zerurlygy bar? — diýip adamsyndan sorady.

— Poçta aýlanmakçy...

Aýaly otaga dolanyp barşyna:

— Şu gün annadygyny asla unudaýan bolsam nätjek — diýdi. Polkownige diňe balagyny geýäýmek galypdy. Aýaly onuň köwşüne seretdi. — Muny-ha indi zyňaýmaly bolupdyr. Ýalpyldawuk köwşüňi geýiber-dä.

Polkownik lapykeç boldy.

— Ol ýetimiňkä meňzeýär ahyry. Her gezek geýenimde, özümi ýetimler öýünden gaçyp gaýdan ýaly duýýaryn.

Aýaly:

— Agustin aradan çykandan soň, biz ýetimem-dä — diýdi.

Bu gezek hem polkownigi göwnetdi. Ol gämi menziline ir, heniz katerleriň[6] zoklary ýaňlanmanka ugrady. Ýalpyldawuk köwüşli, ak balakly we mis ilik ildirilen ýakasyz köýneklidi. Siriýaly Moiseýiň dükanynda durup katerleriň duralga gelşine syn etdi. Şol birýerde sekiz sagatlap gymyldaman oturmakdan halys bolan ýolagçylar kenara düşüp başlady. Hemişe bolşy ýaly, olar gezende söwdagärler we geçen hepdede şäherçeden giden, indi bolsa adaty durmuşa dolanyp gelýän ýaşaýjylardy.

Poçta kateri iň soňundan geldi. Howsalaly garaşýan polkownik onuň gelip durşuna seredýärdi. Kateriň üstünde turba daňlan we bölek çadyr bilen örtülen poçta haltasy ýatyrdy. Polkownik ony derrew nazary bilen tapdy. On bäş ýylyň intizarlygy onuň duýgurlygyny ösdüripdi. Horaz bolsa sabyrsyzlygy güýçlendiripdi.

Poçta hadymy gäminiň üstüne çykyp, haltany çözüp, arkasyna atan pursadyndan başlap, polkownik ondan gözüni aýyrmady. Otlem-ötlem dükanjyklaryň we görkezmäge goýlan dürli reňkli harytlar münder bolup duran ammarlaryň arasyndan gämi duralgasyna ugurdaş köçe bilen onuň yzyna düşüp barýardy. Her

[6] Kater – kiçeňräk gämi.

gezek poçta hadymynyň yzyna düşüp gidende, polkownik mydama, birhili, üýtgeşik, ýöne hökman edil gorky ýaly darykdyryjy howsalany başdan geçirerdi.

Poçtada lukman gazetleriň gelerine garaşýardy.

Polkownik:

— Lukman, aýalym öýümizde «siziň üstüňizden gaýnag suw dagy guýlan-a däldir-ä?» diýip soramagy haýyş etdi — diýdi.

Lukman ýaşdy, gara buýra saçlary ýalpyldap durdy, dişleriniň ajaýyplygy ynanardan beterdi. Ol näsagyň ýagdaýy bilen gyzyklandy. Polkownik hatlary öýjüklere elipbiý tertibinde ýerleşdirip duran poçta hadymyny gözden salman durşuna, jikme-jik jogap berdi. Onuň äwmezek hereketine polkownigiň ýeňse damary gataýardy.

Lukman hatlary we gazetli bukjany aldy. Ylmy neşirleriň gysgaça beýany berilýän kitapçalary bir gyra goýup, hatlary okamaga durdy. Poçta hadymy bolsa şol wagtýygnananlarapoçtany paýlaýardy. Polkownik öz adynyň birinji harpyna hatlar goýlan öýjüge nazar aýlady: bukjanyň gyralary gök zolakly we «awia» belgili hata gözi düşende tolgunmasy artdy.

Lukman gazetli bukjanyň möhürini gopardy. Ol has möhüm maglumatlary gözden geçirýärkä, polkownik öýjükden gözlerini aýranokdy — poçta hadymy öýjügiň ýanynda saklanar öýtdi. Ýöne ol saklanmady. Lukman gazetlerden ünsüni sowdy, ilki polkownige, soň eýýäm telegraf enjamynyň ýanynda oturan poçta hadymyna, soň ýene polkownige seretdi-de:

— Ýörüň — diýdi.

Poçta hadymy başyny galdyrmady.

— Polkownige hiç zat ýok.

Polkownik utandy.

— Men hiç zada garaşmandymam — diýip ýalan sözledi. Soň çaga garaýşy bilen lukmana seretdi. — Maňa hiç kim hat ýazanok.

Olar yzlaryna dymşyp gaýtdy. Lukman gazetlere gümrady. Polkownik adaty ýöreýşi bilen barýardy: ol hamana ýitiren teňňesini gözleýän ýaly görünýärdi. Güneşli agşamdy. Meýdançadaky badam agaçlary köne ýapraklaryny dökýärdi. Lukmanyň iş otagyna ýetenlerinde iňrik garalyp ugrapdy.

Polkownik:

— Näme täzelik? — diýip sorady.

Lukman oňa birnäçe gazet berdi.

— Belli däl. Elekden geçirilen setirleriň arasyndan bir zat okap aňmak kyn — diýdi.

Polkownik iň iri sözbaşylary okady. Halkara habarlary. Sahypanyň ýokarsynda Sues kanalyny döwlet eýeçiligine geçirmek hakynda dört sütün. Birinji sahypany tutuşlygyna diýen ýaly aradan çykanlar baradaky habarlar tutýardy.

— Saýlawlardan-ha hiç hili tama ýok — diýip, polkownik dillendi.

Lukman:

— Beýle sada bolmasaňyzlaň, polkownik. Biz täze bir pygamberiň gelerine bil baglar ýaly, indi oglan-oglanjyk däl ahyry — diýip jogap gaýtardy.

Polkownik gazetleri yzyna berjek boldy. Ýöne lukman:

— Özüňizde durubersin. Agşam okarsyňyz, ertir bolsa yzyna beräýersiňiz — diýdi.

Sagat sekizden işläninde, minarada kinolara degişli jaň kakylyp başlandy. Filmleriň gysgaça mazmuny ýazylan görkezijini poçta arkaly alýan tagsyr Anhel olaryň ahlak derejesi bilen halaýygy habarly etmek üçin kilise jaňlaryny peýdalanardy. Polkownigiň aýaly on iki urgy sanady. Ol:

— Hemme kişä zyýanly. Eýýäm bir ýyl bäri hemme kişä zyýanly filmler görkezilýär — diýdi-de, peşehanany goýberip: — Dünýä azgynlyga gark boldy — diýip pyşyrdady.

Polkownik jogap bermedi. Horazy krowatyň aýagyna daňdy, öýüň gapylaryny gulplady, ýatyş otagyna çybyn-çirkeýlere garşy serişdäni pürkdi. Soň çyrany ýerde goýup, tor sallançagy asdy-da, gazet okamak üçin gyşardy.

Gazetleri çap edilişi ýaly yzygiderlikde, birinji sahypadan başlap, soňkusyna çenli bildirişleri bilen okaýardy. Sagat on birde surnaýyň sesi komendant sagadynyň başlananyny[7] mälim etdi. Ýarym sagatdan polkownik okamasyny gutardy, gapyny

[7] Komendant sagady — adatdan daşary ýagdaý we şuňa meňzeş düzgün- ler yglan edilende laýyk öýünden çykmagyna girizilýän çäklendirme.

howla — gözedürtme garaňka tarap açdy, buşugdy-da, çybynlardan gaçyp ýeňse berdi. Otaga dolanyp gelende, aýaly entek uklaman eken. Aýaly:

— Weteranlar hakda hiç zat ýazanoklarmy? — diýip sorady.

— Hiç zat. — Polkownik çyrany öçürip, tor sallançakda gyşardy. — Öňler juda bolmanda pensionerleriň sanawlaryny çap ederdiler. Indi bolsa, ine, bäş ýyldyr, hiç zat ýazanoklar.

Ýagyş ýarygijeden soň başlady. Polkownik ymyzganypdy, emma garnyndaky agyry zerarly derrew oýandy. Öýüň bir ýerinden damja damýanyny eşitdi. Ýüň ýorgana kellesi bilen bürenip, anyk nirededigini kesgitlemäge çalyşdy. Buz ýaly der oňurgasynyň uzaboýuny yzarlap syrygýardy. Onuň gyzgyny galypdy, özüni, hamala, buz ýaly batgada halka atyp ýüzüp ýören ýaly duýýardy. Biri onuň bilen gepleşýärdi. Ol bolsa öz ýöriş krowatynda ýatyşyna jogap gaýtarýardy. Aýaly:

— Kim bilen gürleşýärsiň-ä? — diýip sorady.

— Gaplaň derisini geýip, polkownik Aureliano Buendianyň düşelgesine gelen iňlis bilen — diýip, polkownik jogap berdi. Ysytmadan ýaňa lowlap ýanyp, beýleki gapdalyna öwrüldi. — Oňa gersog Marlboro diýerdiler.

Polkownik irden özüni bütinleý ysgyn-mydarsyz, endamy kül-owram halda duýdy. Ybadat etmäge çagyrýan jaň ikinji gezek kakylanda, ol tor sallançakdan towsup düşdi we horazyň sesi bilen rahaty bozulan daň saz beren alasarmyk dünýä düşen ýaly boldy. Başy entegem aýlanýardy. Ýüregi bulanýardy. Ol gyşyň ýuwaş şygyrdysy we garyşyk yslary bilen gurşalan howla çykyp hajathana ýöneldi. Agaçdan salnan, üsti gögümtil reňkli ýuka demir bilen ýapylan hajathananyň içinde ammiagyň ysy bardy. Polkownik gapagy galdyrdy weli, çukurdan üçburç siňekler bulut bolup göterildi.

Hiç zat ýok ýerden howsala düşen eken. Ýonulmadyk tagtalaryň üstünde oturan polkownigiň öz-özüne haýpy gelýärdi. Meýdan etmek islegi içegelerindäki erbet agyry bilen çalyşdy. Ol:

— Dogrudanam, şeýle-dä. Oktýabrda meniňki hemişe şeýledir — diýip pyşyrdady we garnynda ösýän kömelekleriň ynjalaryna garaşyp doňup galdy. Soň ýene horazyň ýanyna, öýe girdi. Aýaly:

— Sen agşam ysytma tutup samradyň — diýdi.

Bir hepdä çeken nähoşlukdan soň, birneme özüne gelen aýaly, öýi syryp-süpürip başlapdy. Polkownik ýadyna salmaga synanyşdy.

— Ysytma däl. Düýşüme ýene kerep girdi — diýip, ol ýalan sözledi. Keseliň güýjemesi geçensoň, aýaly hemişe bolşy ýaly, tow berlene dönýärdi. Ir ertirden öýi agdar-düňder etmäge ýetişipdi. Sagatdan we perili suratdan başga ähli zadyň duran ýerlerini üýtgedipdi. Polkownigiň aýaly şeýle kiçijik hem arrykdy welin, öýde matadan edilen şypbykly we bokurdakly gara köýnekli öňe-yza gaýmalap ýörkä, diwaryň içinden geçip gidýän ýalydy. Ýöne sagat on ikilerde aýalyň gabarasy göze ilip, agramy-da bildirip başlaýardy. Ol krowatda ýatan mahaly göýä ýok ýalydy; häzir bolsa paporotnikli we begoniýaly[8] küýzeleriň arasynda gezip ýörşüne tutuş öýi dolduryardy.

Ol tropiki topragyň şol pitide gaýnadylýan miweleriniň kesilen böleklerini garyp durşuna:

— Eger Agustiniň ýogalanyna bir ýyl geçen bolsady, men aýdym aýdardym — diýdi.

— Aýdasyň gelýän bolsa aýdyber. Aýdym aýtmak öt haltasy üçin peýdalymyş.

Lukman günorta naharyndan soň geldi. Gapyny zarply açyp:

— Biziň syrkawlarymyz nähili, entek ölenoklar dälmi? — diýip gygyran mahaly, polkownik aýaly bilen aşhanada kofe içip otyrdy.

Polkownik ony garşylamak üçin ýerinden turdy.

— Gynansagam, şeýle. Sagadyňyzyň öňe gidýänini men hemişe aýdyp ýörün-ä.

Aýaly lukmana görünmäge taýýarlanmak üçin otaga girdi, lukman bilen polkownik uly otagda galdy. Yssa garamazdan, lukmanyň kenep matadan tikilen kostýumy tämizjedi. Zenan taýýardygyny duýdurandan, lukman ýerinden galdy, polkownige içi bir kagyzly bukjany uzatdy.

— Bu ýerde düýnki gazetlerde ýazylmadyk zatlar o bar.

---

[8] Paporotnik, begoniýa — tropiklerde we subtropiklerde ýaýran reňkli ýaprakly, açyk gülli ösümlikler.

Polkownik kagyzlaryň mimeografda çap edilen, soňky wakalar hakda gizlin maglumatlardygyny derrew aňdy. Ýurduň içki etraplaryndaky ýaragly garşylyk görkezmeler baradaky habarlar. Polkownik aňk boldy. Gadagan edilen edebiýatlaryň on ýyllap okalmagy, oňa soňky täzelikleriň hemişe iň tama etdiriji bolýanyny öwredip bilmändi. Lukman uly otaga dolanyp gelende, ol eýýäm okap bolupdy. Lukman:

— Meniň näsagym mendenem salamat. Özüm-ä şeýle demgysma bilen ýene ýüz ýyl ýaşardym — diýdi.

Polkownik oňa tukat seretdi. Hiç zat diýmän, bukjany uzatdy. Emma lukman almady.

— Beýlekilere beriň — diýip ýuwaşja dillendi.

Polkownik bukjany jübüsine saldy.

Olaryň ýanyna gelen syrkaw zenan:

— Lukman, men bir gün ölerin, sizi-de ýanym bilen dowzaha alyp giderin — diýdi.

Jogap ýerine lukman diňe göz gamaşdyryjy dişlerini ýalpyldatdy-da oňaýdy. Soň çalasyn hereket edip oturgyjy stola tarap süýşürdi, gapyrjagyndan täze dermanlaryň birnäçe mahabatlyk nusgalaryny çykardy. Aýal eglenmän, aşhana geçdi.

— Garaşyň, men kofäni gyzdyraýyn.

— Ýok, sag boluň — diýip, lukman başyny galdyrman aýtdy: ol dermanhatyny ýazýardy. — Meni zäherlemek üçin size sähelçejigem mümkinçilik berjek gümanym ýokdur.

Aşhanadan aýalyň gülküsi eşidildi. Ýazmasyny gutaryp, öz hatyna hiç kimiň düşünmejegini bilensoň, lukman dermanhatyny sesli okady. Polkownik bar güýji bilen pikirini jemlemäge jan edýärdi. Aýal otaga girip, geçen gijäniň adamsy üçin ýöne geçmänini aňlady. Ol:

— Şu gün daňa golaý ony ysytma tutdy, lukman. Iki sagada golaý raýat urşy hakda samrady — diýip şikaýat etdi.

Polkownik tisginip gitdi. Ol özüni ele almaga çalşyp, hötjetlik bilen:

— Ysytma däl — diýdi. — Onsoňam ýagdaýymyň, dogrudan-da, ýaramazdygyny duýsam, hiç kime bil baglamaryn. Öz elim bilen özümi ýuwundy dökülýän çukura taşlaryn.

Ol gazetleri almaga otaga gitdi. Lukman:

— Güller üçin sag boluň — diýdi.

Ikisi meýdança çenli bile ýöredi. Howada nem-çyg ýokdy. Asfalt yssydan ýaňa eräp ugrapdy. Lukman hoşlaşan mahaly, polkownik mäkäm gysylan dişleriniň arasyndan syzdyryp, ýuwaşjadan:

— Size bergimiz näçe, lukman? — diýip sorady.

— Häzir-ä hiç zat — diýip, lukman onuň egnine kakdy. — Ine, horaz ýeňer weli, onsoň size eslije töleg hasabyny ibererin.

Polkownik lukmandan alan kagyzlaryny Agustiniň Q dostlaryna bermek üçin tikinçilik ussahanasyna ýöneldi. Ussahana onuň üçin ýeke-täk gaçybatalgady. Partiýadaş ýoldaşlary öldürileni ýa-da şäherden göçürileni bäri ol her anna güni poçtany garşylamakdan başga işi-pişesi bolmadyk ýalňyz adama öwrülipdi.

Gündiziň jokrama yssysy aýalyny has-da ruhlandyrdy. Dälizde begoniýalaryň arasynda, köne-sana eşik saklanýan sandygyň ýanynda oturyşyna, ol hiç zat ýok ýerden täze zatlary emele getirip, indi näçinji gezekdir baky täsinlik döredýärdi. Ýeňlerden ýakajyklar, eşigiň ýagyrny böleginden golsapylary, dürli reňkli gyýkyndylardan ajaýyp dörtburç ýamalyklar önüberýärdi. Howada teneçiriň birsyhly jyrryldysy ýaňlanýardy. Gün ýuwaşjadan gözýetime süýşüp barýardy, ýöne aýal onuň begoniýalaryň arasyndajan berşini görenokdy. Ol başyny işden diňe agşam, polkownik öýe dolanyp gelensoň galdyrdy. Barmaklary bilen boýnuny gysdy, soň ellerini aşak goýberip:

— Meniň beýnim halys agaja döndi — diýdi. Polkownik:

— Seniň beýniň hemişe-de şeýledi — diýdi. Soň aýalynyň daş-töwereginiň dürli reňkli gyýkyndylardan doludygyny görüp: — Sen daşdeşene meňzeýäň — diýip sözüniň üstüni ýetirdi. Aýaly:

— Seniň eginbaşyňy bejermek üçin daşdeşeniň sabyrlylygy gerek-dä — diýip, dürli reňkli üç bölekden tikilen köýnegi açyp görkezdi. Diňe golsapy we ýakajyk birmeňzeşdi. — Eger karnawala[9] gitseň, penjegi çykarmak ýeterlik bolar duruberer.

Agşamky ybadata çagyrýan jaň sesi onuň sözleriniň arasyny kesdi.

Egin-eşikler bilen ýatyş otaga barşyna, aýaly:

— Hudaýyň perişdesi Bibi Merýeme ýüzlenip, şuny aýan etdi... — diýip samyrdady.

Polkownik mekdepden gelýärkäler, ýolugra horazy görmäge gelen çagalar bilen gümür-ýamyr etdi. Soň ertire mekgejöwen galmandygy ýadyna düşüp, aýalyndan pul soramak üçin ýatyş otagyna ýöneldi. Aýaly:

— Elli sentawodan[10] köp galmadyk bolsa gerek — diýdi.

Ol puluny ýaglygynyň ujuna düwüp, düşeginiň aşagynda saklaýardy. Bu pul Agustiniň tikin maşyny üçin berlen puldy. Olar özlerine hem-de horaza her sentawony sanap sarp edip, indi dokuz aýdyr, şol puluň hasabyna ýaşaýardy. Häzir ýaglygyň ujunda diňe iki ýigrimi we bir on sentawolyk teňňe galypdy. Aýaly:

— Bir gadak mekgejöwen satyn al. Galanyna — ertire kofe. Dört unsiýa-da[11] peýnir al — diýdi.

— Gapyda asyp goýar ýaly, gyzyl çaýylan pil hem alaýaýyn — diýip, polkownik alyp göterdi. — Mekgejöweniň özi kyrk iki sentawo ahyryn.

Olar oýa batdylar.

— Horaz — haýwandyr, diýmek, çydap biler — diýip, aýaly söze başlady. Ýöne polkownigiň ýüzüniň üýtgemegi ony dymmaga mejbur etdi.

Polkownik krowata geçdi, tirsegini dyzyna diräp, gysymyndaky teňňeleri jyňňyrdadýardy.

Birsalymdan:

---

[9] Kamawal — şüweleň.

[10] Sentawo – ownuk pul birligi.

[11] Unsiýa – 300 gramdan sähel agyr agram birligi.

— Gep mende däl — diýdi. — Maňa galsa-ha, şu günüň özünde ondan çorba bişirerdim, içimem mazaly bozulardy... Tutuş elli pesolyk! — Ol bir pursat dymdy, boýnundaky çybyny mynjyratdy. Nazary aýalynyň yzyna düşüp, otagda bir ýerde duranokdy. — Meni biynjalyk edýän zat biçäre oglanlar. Olar biziň horazymyza goýmak üçin pul süýşürýär ahyry.

Indi pikirlenmek gezegi ýene-de aýalyna ýetdi. Ol otagda aýlanyp, çybyn-çirkeýiň garşysyna serişdäni pürkýärdi. Polkownige birden aýaly öýüň ruhlaryny geňeşe çagyrýan ýaly bolup göründi. Ahyr aýaly pürkgüji daş basma suratyň ýanyndaky kiçijik doga tagtajygyna goýdy we onuň miwe şiresi ýaly gözleri äriniň miwe şiresi ýaly gözlerine dikanlap garady.

— Mekgejöwen satyn al. Biziň günümizi nädip aýlajagymyzy diňe Hudaý bilýä.

Soňky hepdäniň tutuş dowamynda her gezek stoluň başyna geçen mahaly, polkownik: «Çörege bereket goşup paýlamagyň gudraty bu» diýip gaýtalaýardy. Onuň hiç zat ýok ýerden täze çykalga döretmäge haýran galaýmaly ukyply aýaly hiç zat ýok ýerden owkat taýýarlamagyň-da tärini tapana meňzeýärdi. Oktýabr arakesmäni uzaltdy. Çyglylyk omuny alasarmyk ymyzganma bilen çalyşdy. Günüň mis kimin lowurdysyna göwni göterilen aýaly üç agşamy öz saçyna sarp etdi.

Kümüş sepen uzyn saçyny seýrek dişli darak bilen darap ugran güni polkownik:

— Ynha, dabaraly ybadat hem başlanýar — diýdi.

Ikinji gün aýaly howluda dyzyna ak örtük ýazyp, syrkawlan mahaly köpelen bitleri gür dişli darak bilen aýyrdy. Üçünji gün başyny lawanda suwy bilen ýuwdy, saçy guraýança garaşdy, ony ýeňsesinde çogdamja düwüp, saçgysgyç sançdy.

Polkownigiň küýi-köçesi horaz bilendi. Hatda gijesine, tor sallançakda oýa ýatyrka-da, diňe şol hakda pikirlenýärdi. Çarşenbe güni horazy çekip gördüler, agramy laýyk eken. Şol gün hem Agustiniň ýoldaşlary polkownik bilen hoşlaşan mahaly horazyň ýeňjegi barada welilik satanynda, polkownigem özüni oňat duýdy. Aýaly onuň saçyny bejerdi. Polkownik kellesini sypap:

— Sen-ä meni ýigrimi ýaş dagy ýigdeldäýdiň — diýdi. Aýaly: «Ol mamla» diýip oýlandy we:

— Özümi gowy duýýan mahalym merhumy-da direldip bilerin — diýdi.

Ýöne olaryň horramlygy uzak dowam etmedi. Öýde sagatdan we suratdan başga satar ýaly hiç zat galmandy. Penşenbe güni agşam, gorlarynyň düýbi görnüp ugranda, aýaly oda-köze düşüp başlady.

— Howsala düşme. Ertir poçta gelýär — diýip, polkownik ony köşeşdirdi.

Ertesi gün lukmanyň iş otagynyň ýanynda durup, gämä garaşdy.

— Uçar — ajaýyp zat. Onuň bir gijede Ýewropa uçup baryp bilýänini eşitdim — diýip, polkownik poçta haltasyndan gözüni aýyrman durşuna aýtdy.

Žurnal bilen ýelpenip oturan lukman:

— Bolup biler — diýdi.

Polkownik poçta hadymyny kater gelip kenara ýananda oňa böküp münmäge häzirlenip duran märekäniň içinde gördi. Poçtahadymy ilkinji bolup towusdy. Gämibaşydan möhürlenen bukjany aldy. Soňra gäminiň üstüne çykdy. Poçta haltasy iki nebitli çelegiň arasyndady we olara daňylgydy.

Polkownik:

— Ýöne uçarda uçmak howpludyram welin — diýdi. Ol poçta hadymyny tas gözden ýitiripdi, emma tiz wagtdan onuň ýürek sowudyjy içgili göz gamaşdyryjy çüýşeler ýüklenen söwdagär arabasynyň ýanynda duranyny gördi. — Adamzat ösüş üçin muzduny tölemeli-dä.

Lukman:

— Indi uçarda uçmak gämide ýüzenden howpsuz. Ýigrimi müň fut1 belentlikde hiç hili apy-tupan gorkuly däl — diýdi.

Haýran galan polkownik şeýle belentligi göz öňüne getirip bilmän:

— Ýigrimi müň fut — diýip gaýtalady.

Lukman gürrüňe gyzygypdy. Ol iki elini uzadyp žurnaly olaryň üstünde goýup galdyrdy-da, ony gymyldatman saklady.

— Ajaýyp dumuklylyk — diýdi.

Emma polkownigiň bar ünsi poçta hadymyndady. Onuň bulgury çep elinde saklap, köpürjikli limonad içişine seredýärdi. Sag elinde poçta haltasy sallanyp durdy.

Lukman gürrüňi dowam etdi:

— Mundan başga-da, deňizde labyr taşlap duran gämiler gijeki uçarlar bilen yzygiderli aragatnaşyk saklaýar. Şeýle ätiýaçlyk çäreleri görlende uçarlar gämilerden has howpsuz bolýar.

Polkownik lukmana seretdi.

— Elbetde. Megerem, uçarda uçmak halyda oturan o ýaly bolsa gerek.

Poçta hadymy göni olara tarap ýöneldi. Polkownigi birden sürgüç bilen möhürlenen bukja ýazylan ady okamaga şeýlebir isleg gurşap aldy weli, ol hatda çalt yza tesdi. Poçta hadymy haltanyň bogusyny çözdi. Lukmana gazetleri berdi. Soň şahsy hatlar salnan uly bukjany açdy, sanawhaty boýunça ibermeleriň sanyny barlady, bukjalardaky hat iberilen adamlaryň atlaryny okap başlady. Lukman gazetleri açdy. Sözbaşylary gözden geçirip:

— Ýene-de Sues meselesi. Günbatar ýan berýärmiş — diýdi.

Polkownigiň sözbaşylar ýadyna düşenokdy. Ol aşgazanyndaky agyrynyň hötdesinden gelmäge çalyşýardy.

— Gözegçilik girizileli bäri, gazetler diňe Ýewropa hakdaýazýar. Ýewropalylar-a bäri gelse, bizemÝewropa göç etsek gowy bolardy. Şonda her kim öz ýurdunda nämeleriň bolup geçýänini bilerdi — diýdi.

— Günorta Amerika diýlende ýewropalylaryň gözüniň öňüne murtly, gitaraly hem-de sapançaly erkek kişi gelýär — diýip, lukman gazetden ünsüni sowman oturyşyna güldi. — Olar bize düşünmeýär.

Poçta hadymy oňa hatlary berdi. Galanlaryny halta salyp, onuň agzyny ýene bogdy. Lukman hatlary okap başlajak boldy, ýöne ilki polkownige, soňra poçta hadymyna seretdi.

— Polkownige hiç zat ýokmy?

Polkownigi gurşan howsalanyň ejiri çydar ýaly däldi. Poçta hadymy haltany egnine atyp, basgançakdan düşdi-de, yzyna gaňrylman:

— Polkownige hat ýazýan ýok — diýdi.

Öňki endiginiň tersine, polkownik bada-bat öýüne ugramady. Agustiniň ýoldaşlary gazetleri gözden geçirýänçä, tikinçilik ussahanasynda kofe içdi. Özüni aldanan ýaly duýdy. Aýalynyň ýanyna iki elini burnuna sokup baranyndan, şol ýerde

indiki anna çenli galanyny gowy görjekdi. Ýöne ussahanany ýapdylar, boljak işi soňa goýmak mümkin däldi.

Aýaly oňa garaşyp oturan eken. Ol:

— Habar ýokmy? — diýip sorady.

— Ýok.

Soňky annada-da ol, hemişekileri ýaly, kateri garşylady. Ýene hemişe bolşy ýaly, öýe hatsyz dolanyp geldi.

Şol agşam aýaly:

— Garaşa-garaşa gözümiz ýolda galdy. Diňe sen öz öküz kanagatyň bilen hata on bäş ýyl garaşyp bilýäň — diýdi.

Polkownik tor sallançakda gazet okamak üçin gyşardy.

— Nobatyň ýetýänçä garaşmaly-da. Biziň belgimiz: müň sekiz ýüz ýigrimi üç.

— Biziň garaşyp başlanymyz bäri bu belgi eýýäm iki gezek lotereýada utdy.

Polkownik, adatça bolşy ýaly, ählisini birden — bildirişleri-de goşmak bilen, birinjiden tä soňky sahypa çenli okardy. Emma bu gezek ünsüni bir ýere jemläp bilenokdy: ol özüniň weteran pensiýasy hakda oýlanýardy. On dokuz ýyl ozal, kongress kanun kabul edende, polkownik şol kanunyň özüne-de degişlidigini subut etmegiň ugruna çykypdy. Bu ýagdaý sekiz ýyl dowam edipdi. Soň polkownigiň weteranlaryň sanawyna girizilmegi üçin ýene alty ýyl gerek bolupdy. Şol hem onuň alan iň soňky hatydy.

Ol okamagyny komendant sagadynyň başlanany jar edilenden soň goýdy. Çyrany öçüijek bolanda, aýalynyň oýadygyny dykgat etdi.

— Sen gazetden kesilip alnan şol bölegi saklaýarmyň?

Aýaly oýa batdy.

— Hawa. Ol kagyzlaryň arasynda bolmaly.

Aýaly aýakçydan goraýan peşehanany galdyrdy-da, seneler boýunça goýlup, daşyna rezin dartylan petde hat salnan agaç gapyrjagy şkafdan çykardy. Uruş weteranlaryna pensiýany resmileşdirmekde işjeň kömek etjegini wada berýän aklawçylyk edarasynyň bildirişini tapdy.

Gazetiň kesilip alnan bölegini ärine berip durşuna:

— Aklawçyny çalyş diýip, men saňa näçe gezekler aýtdym-a — diýdi. — Biz şu mahala çenli puly diňe bir alyb-a däl, eýsem sowubam ýetişerdik. Indeýlere edilişi ýaly, biziňem tabydymyza pul salsalar, heý, hezili bolarmy?

Polkownik iki ýyl ozal kesilip alnan gazet bölegini okady. Soň ony gapynyň aňyrsynda asylgy köýnegiň jübüsine saldy.

— Aklawçyny çalyşmak üçin pulam-a gerekdir.

— Asyl beýle däl — diýip, aýaly ör-gökden geldi. — Ugruna çykyp pensiýamyzy alyp berseler, haklaryny şonuň ujundan tutup alaýyň diýip ýazybam bilýäris-ä. Olary höweslendirmegiň ýeke-täk usuly şudur.

Ine, onsoň polkownik şenbe güni aklawçysynyň ýanyna ugrady. Aklawçy tor sallançakda käwagt çala üwrelip bigam ýatyrdy. Ol ýokarky dişlerinden diňe iki gyraky alyn diş abat galan äpet negrdi. Aýaklaryny agaç oltaňly sandala[12] sokup, iş otagynyň penjiresini açdy. Penjiräniň öňünde üsti kagyz düýrümlerinden, «Diario ofisialdan» kesilip alnan bölekler berkidilen köne hasaphana kitaplaryndan we Inspektor gözegçiliginiň bölek-büçek býulletenlerinden[13] doly tozan basan pianola[14] durdy. Düwmeleri gopan pianola hat stoly bolup hem hyzmat edýärdi. Polkownik gelmeginiň sebäbini düşündirmezden ozal, işiň ýagdaýynyň biynjalyk edýänini aýtdy.

— Beýle işiň sanlyja günde çözülmeýänini men size duýdurypdym ahyry — diýip, ara düşen böwşeňlikden peýdalanan aklawçy aýtdy. Yssy ony halys tapdan düşüripdi. Epleme kürside arkan gaýşyp oturyşyna, mahabat kitapçasy bilen ýelpenip, gyşaryp ýatyrdy. — Ynanylan adamlarym umytdan düşmeli däldigini maňa yzygiderli ýazýar.

Polkownik:

— Bu iş on bäş ýyla dagy çekdi-le. Eşidýänimizem şol bir heň. «Hoşuň atasy ölmändir» edýäňiz — diýdi.

Aklawçy edara ediş ulgamynyň çylşyrymlylygy barada örän çeper gürrüň etmäge başlady. Onuň ýag ýygnan kädisi kürsä sygmajak bolýardy.

---

[12] Sandal – teletin bagjykly, ökjesiz ýeňil köwüş (ýelken köwüş mysaly).

[13] Býulleten — bellibir edaranyň çykarýan ýörite neşiri.

[14] Pianola – saz guralynyň bir görnüşi.

— On bäş ýyl ozal hezildi — diýip, ol gürrüňi jemledi. — Şol wagt weteranlaryň ýerli birleşmesi hereket edýärdi, ol iki partiýadanam adamlary öz içine alýardy. — Ol ýakyp-ýandyryp barýan howany öýkenine dartdy we hamala edil şu wagt özi oýlap tapan ýaly, gopbamsylyk bilen: — Güýç bitewilikdedir — diýdi.

Özüniň ýalňyzdygyna ilkinji gezek göz ýetiren polkownik:

— Bu maňa degişli däl. Meniň ýoldaşlarymyň hemmesi poçta garaşa-garaşa ölüp gitdi — diýdi.

Emma aklawçy öz diýenine tutup dowam etdi:

— Kanun juda giç kabul edildi. Hemme kişiniňki siziňki ýaly şowlaýmandyr: siz eýýäm ýigrimi ýaşyňyzda polkownik bolupsyňyz. Onsoňam, kanun pensiýalar üçin puly nireden almalydygyny görkezmändir, şol sebäpli-de hökümet büjeti düýpli özgertmeli bolupdyr.

Şol bir heň. Polkownik ony her gezek diňlände, öz ýanyndan jany ýanardy. Ol:

— Biz sadaka soramyzok. Eglişik edilmegini-de soramyzok. Biz Respublikany halas etmek üçin janymyzy orta goýduk — diýdi.

Aklawçy gollaryny gerdi.

— Hawa, polkownik, bu şeýle. Adamyň gadyrbilmezliginiň çägi ýokdur.

Bu aýdymam polkownige tanyşdy. Ony ilkinji gezek hökümet ýitgileriň öwezini dolmaga we iki ýüz serkerdä öýüne dolanmaga kömek etjegine söz berende — Neýerland şertnamasy baglaşylan günüň ertesi eşidipdi. Ynkylap batalýony, esasan, mekdepden gaçan ýetginjeklerden ybaratdy. Olar Neýerlandda äpet seýbanyň[15] töwereginde düşelgede ýerleşip, üç aý garaşypdy. Soň her kim öz gamyny özi iýip, öýüne aşypdy. Öýünde-de garaşmagyny dowam edipdi. Ondan bäri tas elli ýyl geçipdi, polkownigiň bolsa şol garaşyp ýörşüdi.

Ýatlamalar kalbynda tolgunma döreden polkownik buýsançly keşbe girdi. Süňklek elini hortaň ýanbaşyna diräp, gyryk ses bilen:

— Şeýlelikde, men bellibir karara geldim — diýdi.

Aklawçy üşerildi:

[15] Seýba – tropiki agaç. — Terjimeçiniň belligi.

— Ýeri, nähili netijä?

— Men aklawçymy çalyşýaryn.

Saryja jüýjejiklerini yzyna tirkäp, iş otagyna ördek girdi. Aklawçy olary kowmak üçin kürsüden turdy. Gollaryny galgadyp durşuna:

— Gözel göwnüňiz, polkownik. Goý, aýdyşyňyz ýaly bolsun. Gudrat görkezmegi başarýan bolsam, bu ketekde ýaşamazdym — diýdi. Gapa agaç gözenek diredi-de, kürsä dolanyp geldi. Polkownik:

— Meniň oglum ömürboýy işledi. Öýüm girewe goýlan. Pensiýalar hakdaky kanun bolsa aklawçylara aňsat eklenjiň çeşmesine öwrüldi — diýdi.

Aklawçy:

— Ýöne maňa däl — diýip garşy çykdy. — Alan pulumyň hemmesi iň soňkuja sentawo çenli kazyýet hysyrdylaryna sarp edildi.

Nähak göwne degen bolaýmaýyn diýen pikiriň özi polkownige ezýet berdi.

— Menem hut şony aýtmak isläpdim. Bu yssy beýniňem eretjek — diýip, ol soňuny ýuwmarlady.

Bir minut geçenden soň, aklawçy ynanç hatyny gözläp, ähli zady agdar-düňder etdi. Gün eýýäm onuň ýonulmadyk agaçlardan ýasalan bigörk külbesiniň ortasyna ýetipdi. Uzaga çeken we şowsuz gözleglerden soň, aklawçy dyzyna çökdi-de, haşlap, pianolanyň aşagyndan düýrmek kagyz çykardy. Tugraly bir tagta kagyzy polkownige uzatdy.

— Ynha, ol — diýdi. — Meniň ynanylan adamlaryma onuň nusgasyny ýok etmelidigini ýazmaly.

Polkownik tozanyny kakyp, kagyzy köýneginiň jübüsine saldy.

Aklawçy:

— Ony siziň özüňiz ýyrtaýyň — diýdi.

Polkownik:

— Ýok. Bu hat meniň ömrümiň ýigrimi ýyly — diýip jogap berdi. Ol aklawçynyň gözlegi dowam etmegine garaşdy, emma aklawçy tor sallançagyň

ýanyna bardy-da, derini syldy. Soň Gün şöhlesine ýaldyrap duran howanyň aňyrsyndan polkownige seretdi. Polkownik:

— Maňa beýleki resminamalaram gerek — diýdi.

— Haýsylar?

— Ozaly bilen-ä polkownik Buendianyň dilhaty.

Aklawçy gollaryny gerdi.

— Bu mümkin däl, polkownik.

Polkownik alada galdy. Makondo ynkylap bölüminiň gaznaçysy hökmünde ol ynkylap goşunynyň gatyra ýüklenen iki çemedan gaznasy bilen alty günlük agyr ýol geçipdi. Açlykdan ýaňa zordan yraň atyp gelýän gatyry yzyna tirkäp, şertnama gol çekilmezinden ýarym sagat öň Neýerland düşelgesine gelipdi. Atlantik kenarýakasynyň ynkylap güýçleriniň baş intendanty[16] polkownik Aureliano Buendia oňa dilhaty berip, iki çemedany-da urşy bes edip boýun egilýän mahaly tabşyrylýan emläkleriň sanawyna girizipdi. Polkownik:

— Şol resminamalaryň uly ähmiýeti bar. Polkownik Aureliano Buendianyň öz eli bilen ýazan dilhaty aýratyn-da möhüm — diýdi.

Aklawçy:

— Mümkin — diýdi. — Ýöne şol resminamalar müňlerçe elden, müňlerçe edaradan geçip, harby ministrligiň haýsy bölüminde ýatanyny Hudaý bilsin.

Polkownik:

— Beýle resminamalar haýsy işgär bolanda-da, görünmän geçip bilmez — diýdi.

— Emma soňky on bäş ýylda emeldarlaryň özleri-de köp gezek çalşyldy ahbetin — diýip, aklawçy ünsi çekdi. — Ýadyňyza salyň, şol wagtyň içinde ýedi prezident boldy, her prezidentem öz ministrler kabinetini azyndan on gezek çalyşdy; her ministr bolsa öz işgärlerini ýüz gezekden az çalyşmandy.

Polkownik:

[16] Intendant – üpjünçilik işgäri.

— Ýöne hiç kim şol resminamalary ýany bilen äkiden däldir-ä. Her täze emeldar olary hökman öňki ýerinden tapandyr — diýdi.

Aklawçynyň sabyr käsesi doldy.

— Ýöne şol resminamalar häzir ministrlikden çykaýanda, siz ýene sanawa goşulýançaňyz, olar täze öwrüm etmeli bolar.

— Tapawudy ýok.

— Bu ýene ýüz ýyla çeker.

— Tapawudy ýok. Şunça garaşan adam ýene birneme garaşyp biler.

* * *

Polkownik stoljuga bir topbak çyzykly kagyz, syýagalam, sorguç, syýadan goýdy. Birden aýaly bilen maslahatlaşmaly bolaýmagynyňam gamyny iýip, ýatyş otagynyň gapysyny açyp goýdy. Aýaly tesbisini sanap oturyşyna, doga okaýardy.

— Şu gün aýyň näçesi?

— Ýigrimi ýedinji oktýabr.

Ol ýeňil dem alar ýaly, arkasyny göni tutup, galam tutýan elini sorguç kagyza goýup, örän yhlasly — edil özüne mekdepde öwredilişi deý ýazýardy. Öýdäki kapaslygy çekip-çydar ýaly däldi. Der damjasy hata damdy. Polkownik ony sorguç bilen sordurdy. Soň ýaýrap giden harplary sylmaga synanyşdy, ýöne hapa tegmil emele geldi. Emma ol ruhdan düşmedi. Bellik edip, kagyzyň gyralaryna:

«Ähli hukuklar goralýar» diýip ýazdy. Ýazanlaryny okady.

— Meni sanawa haçan girizipdiler?

Aýaly okaýan dogasynyň arasyny kesmän oýlandy.

— Bir müň dokuz ýüz kyrk dokuzynjy ýylyň on ikinji awgustynda.

Edil şol wagt ýagyş ýagyp başlady. Polkownik sahypany Manaurdaky döwlet mekdebinde hat ýazmagy öwredişleri ýaly, çaganyňka meňzeş iri harplar bilen doldurdy. Soň ikinji sahypanyň ýarysyna çenli ýazyp, goluny çekdi.

Haty aýalyna okap berdi. Aýaly her jümleden soň makullaýan terzde baş atyp diňledi.

— Haty maşynkada ýazyp bermegi birinden haýyş edäýseň nädýär?

Polkownik:

— Ýok. Men kömek soramakdan ýadadym — diýdi.

Ol ýagyş damjalarynyň üçekdäki palma ýapraklaryna degip seslenişini ýarym sagatlap diňledi. Şähere hakyky sil inipdi. Komendant sagady başlanyndan soň, ýagyş jaýyň depesiniň bir ýerinden ýene geçip ugrady.

— Bireýýäm şeýtmelidiň. Öz işiňi özüň ýöretseň hemişe-de gowudyr — diýdi.

— Bu hiç wagtam giç däl — diýdi.

Suwuň damyşyny diňläp oturan polkownik dillendi:

— Belki, mesele öýüň girew hatynyň möhletinden öň çözläýedi-dä.

Aýaly:

— Iki ýyl galdy — diýdi.

Polkownik çyrany ýakdy, suw goýberýän ýeri tapdy, şol ýere horazyň okarajygyny goýdy we onuň galaýy düýbüne düşýän damjalaryň şaňňy sesini diňläp, ýatyş otagyna dolanyp geldi.

— Belki, olar öz pulumy çalt alar ýaly, meseläni ýanwara çenli çözer — diýdi we muňa özi hem ynandy. — Şoňa çenli Agustiniň aradan çykanyna bir ýylam geçer, onsoň ikimiz kino gidip bileris.

Aýaly ýuwaşjadan güldi.

— Men-ä multiplikasiýalaryň nähili bolýanynam unudypdyryn.

Polkownik peşehananyň içinde oturan aýalyny görmäge synanyşdy.

— Sen iň soňky gezek kino haçan gidipdiň?

— Otuz birinji ýylda. «Merhumyň wesýetini» görkezipdiler.

— Ýumruklaşmalymydy?

— Muny bilmän galdym. Arwah ýaňy bir gyzyň gymmat monjugyny ogurlajak bolanda, güýçli jala gelipdi.

Ýagşyň sesi olaryň ukusyny tutdurdy. Polkownik garnynda çala agyry duýdy. Ýöne howatyrlanmady. Bu ýylyň oktýabryndan sag-aman geçdi diýen ýalydy.

Aýalynyň boguk demi polkownigiň düýşüne sähelçe pursatlyk aralaşan mahaly, ol ýüň ýorgana dolanyp, eýýäm uklapdy. Polkownik oýandy-da, gepläp başlady.

Aýaly hem oýandy.

— Sen kim bilen gürleşýärsiň?

Polkownik:

— Hiç kim bilen. Men şol wagt, Makondoda özümiziň mamla ekenidigimiz hakda oýlandym. Biz boýun synmaly däldigini polkownik Aureliano Buendia aýdypdyk. Şondan soň ähli zat puç bolupdy — diýdi.

Ýagyş bir hepdeläp ýagdy. Ikinji noýabrda, merhumlar ýatlanýan günde, polkownik göwnemese-de, aýaly Agustiniň mazaryna gül äkitdi. Gonamçylykdan dolanyp gelende, onuň derdi täzeden möwç aldy. Hepde agyr boldy. Polkownige «ölmesem ýagşy» diýdiren dört sany oktýabr hepdesindenem agyr boldy. Lukman geldi. Syrkawa seretdi, onuň otagyndan çykyp barşyna gaty ses bilen:

— Men şeýle kesellere üns berenimde, tutuş şäheri ölüme höküm etmeli bolardym — diýdi. Ýöne soň polkownik bilen ýüzbe-ýüz gürrüň edip, aýalyna berk berhiz saklamagyň zerurdygyny aýtdy.

Polkownik hem gaýra üzüldi. Ol sowuk dere batyp hem-de içgoşlarynyň çüýreýşini, böleklere bölünişini duýup, hajathanada birnäçe sagatlap oturardy. Umydyny ýitirmezlik üçin «Belanyň körügi gyşda. Ýagyş tamamlanaram weli, ähli zat başgaça bolar» diýip, özüne göwünlik berýärdi. Özi-de hat gelen wagty aýatda diri boljagyna, hakykatdanam, ynanýardy.

Indi hojalyk bilen meşgullanmak — güzerany aýlamak nobaty oňa ýetipdi. Häli-şindi dişlerini gysyp, goňşy dükanjyklardan nesýe soramaly bolýardy. Öz sözlerine özi-de ynanman:

— Diňe indiki hepdä çenli. Men anna güni az-owlak pul almaly — diýmeli bolýardy.

Birneme bäri bakan aýaly äriniň keşbini görüp haýran galdy:

— Süňk bolup galaýypsyň-la.

Polkownik:

— Özümi satuwa taýýarlaýaryn. Eýýäm klarnet fabriginden buýurma-da bar — diýdi.

Ol diňe hata bolan umyt bilen aýak üstünde gezip ýördi. Ysgyn-deramatsyz, ukusyzlykdan ýaňa süňkleri sorkuldap duran halyna öý işleri bilen horazyň arasynda legzan urýardy. Noýabryň ikinji ýarymynda horaz iki gün mekgejöwensiz oturdy weli, polkownik ol öler öýtdi. Ine, şol wagt hem iýul aýynda pejiň ýokarsynda asyp goýan bir daňy noýbasy ýadyna düşäýdi. Gabygyny artyp, horazyň okarajygyna bir gysym gury noýba guýdy.

— Bärik gel — diýip, aýaly çagyrdy. Polkownik horazy synlap oturyşyna:

— Häzir — diýdi. — Işdä bolsa, nahar dannalmaz.

Ol ýanyna baranda, aýaly ýerinden dikelmäge çalyşdy. Bedeninden derman ösümlikleriň ysy gelýärdi. Aýaly her sözi pert-pert aýdyp:

— Sen haýal etmän horazdan dynmaly — diýdi.

Polkownik onuň iru-giç şeýle diýjegini bilýärdi. Bu pursada ogly öldürilen we horazy saklamagy makul bilen agşamyndan bäri garaşypdy. Oňa aýalyna berjek jogaby barada oýlanmaga wagt bardy.

— Indi howlugasy iş ýok. Ýene üç aýdan horaz urşy başlanar, ine, onsoň biz ony has gymmat satyp bileris.

Aýaly:

— Gep pulda däl. Oglanlar geler welin, olara aýt, goý, horazy alsynlar-da, nätseler şeýtsin — diýdi.

— Men ony Agustiniň hatyrasyna saklaýaryn — Polkownik bu delili bireýýäm taýýarlap goýupdy. — Bize horazyň ýeňeni barada gürrüň berjek mahaly onuň ýüzüniň nähili boljagyny göz öňüne getirip bir gör-ä!

Ogly ýadyna düşen aýaly:

— Şol nälet siňen horazlar dälmi onuň başyna ýeten! Üçünji ýanwarda öýde oturaýanynda, belki, betbagtlygam bolmazdy — diýip gygyrdy. Çöpe dönen barmagyny gapa çömmeldip dowam etdi: — Goltugy horazly hol ýerde durany ýaňy ýaly. Onuň bagta töwekgellik etmezligini, galýerada[17] görünmezligini özelenipler ýalbardym. Ol bolsa gülüp, «Bes etsene! Biz şu gün agşam altyny suw kimin üstümizden guýarys» diýipdi.

Biçäräniň ysgyny gaçyp, özüni düşege goýberdi. Polkownik usullyk bilen onuň kellesiniň aşagyna ýassyk goýdy. Onuň gözleri aýalynyň özüniňkä meňzeş gözlerine sataşdy. Aýalynyň gursagyndan sykylyk atýan ýaly sesiň çykýanyny eşidip:

— Hereket etmejek bol — diýdi.

Aýal özünden gitdi. Ýene aýňalanda, dem alşy birneme asuda ýalydy. Ol:

— Munuň hemmesi doýa garna iýmeýänimizden. Çöregi öz agzyňdan kesip, horaza bermek günädir — diýdi.

Polkownik maňlaýyny düşekdaşynyň burçy bilen süpürdi.

— Eýdip-beýdip üç aý çydajak bolarys-la.

— Ýeri, onsoň şol üç aýda näme iýeris?

Polkownik:

— Bilemok. Ýöne açlykdan ölmek maňlaýymyza ýazylan bolsa, bireýýäm ölüp giderdik — diýdi.

Horaz diri we salamatdy, ol boşan okarajygyň öňünde durdy. Polkownigi görende, kellesini silkip goýberäge-de, adamyňka çalymdaş ses bilen bogazynda gaýnatdy. Polkownik oňa duýgudaşlyk bilen ýylgyrdy.

— Durmuş — agyr zat, gardaş.

Polkownik soň öýden çykdy. Hiç zat hakda pikir etmän, ýagdaýdan nähili-de bolsa bir çykalganyň bardygyna hatda özüni ynandyrmaga-da çalyşman, siýestany — günorta dynç alşyny — gulaçlaýan şäherde aýlandy. Tä öler ýaly ýadaýança boş köçelerde entedi.

Soň öýüne dolandy. Aýaly onuň gelenini eşidip, ýanyna çagyrdy.

[17] Galýera – horaz uruşdyrmak üçin ýörite jaý.

— Näme gerek?

Ol äriniň ýüzüne seretmän:

— Biz sagady satyp bileris — diýdi.

Polkownik bu barada eýýäm pikirlenipdi. Aýaly:

— Alwaronyň onuň üçin saňa gep-gürrüňsiz kyrk peso berjegi ikuçsuz. Onuň tikin maşynyny derrew satyn alanyny ýadyňa sal — diýdi.

Ol Agustiniň işlän ýeriniň tikinçisini göz öňünde tutýardy. Polkownik:

— Ertir onuň bilen gepleşerin — diýip ylalaşdy.

Aýaly:

— Ertire goýmak nämä gerek? — diýip garşy boldy. — Oňa sagady häzir äkidersiň. Stolda goýarsyňda, «Alwaro, ynha, satmaga sagat getirdim» diýersiň. Ol derrew düşüner.

Polkownik özüni betbagt duýdy.

— Munyňyz merhumyň tabydyny köçeden süýräp barýan ýaly ildençykgyç bir zad-a — diýip garşy çykdy. — Eger elimde daşy dolangy bu zat bilen göräýseler, men hakda aýdym aýdyp ugrarlar — diýdi.

Ýöne aýaly ony bu gezegem göwnetdi. Sagady özi diwardan aldy-da, gazete dolap, ärine uzatdy.

— Kyrk pesosyz dolanaýmagyn.

Polkownik goltugy daşy dolanan sagatly tikinçilik ussahanasyna ugrady. Gapynyň agzynda Agustiniň dostlary oturan eken.

Olaryň biri polkownige oturmagy mürähet etdi. Ol aljyrady.

— Sag bol. Men ýekeje minutlyk — diýdi. Ussahanadan Alwaro çykyp, dälizde çekilen sime bir bölek öl matany serip başlady.

Alwaro ýaş, berk bedenli, tagaşyksyzrak ýigitdi; gözleri hemişe göçgünli uçganaklap durdy. Ol hem polkownige oturmagy mürähet etdi. Polkownik biraz dogumlandy. Oturgyjy gapa tarap süýşürip oturdy-da, sagady hödür eder ýaly, Alwaro bilen ikiçäk galaryna garaşdy. Ýöne bahym töweregindäkileriň hemmesiniň ýüzleriniň galagoplydygyny gördi.

— Men päsgel beren-ä däldirin-dä? — diýip sorady. Ýigitler «ýok-da-ýok» boluşdy. Olaryň biri oňa tarap egildi-de, pyşyrdap:

— Bizde Agustiniň ýazan çagyryş haty bar — diýdi.

— Näme hakda?

— Şol bir zat hakda.

Oňa haty berdiler. Polkownik ony jübüsine saldyda, ses-üýnsüz doňup galdy. Diňe barmaklary bilen daşy dolanan sagady tyrkyldatdy oturdy. Özüne seredýändiklerini görensoň, asla doňan ýaly boldy.

— Eliňizdäki daşy dolanan zat näme, polkownik?

Polkownik Germanyň bilesigeliji ýaşyl gözleriniň nazaryndan gutulmaga jan etdi.

— Hiç-le. Ine, şu sagady bejermäge nemese alyp barýan — diýip ýalan sözledi. German:

— Kelläňize gelýän zady diýsene, polkownik. Siz bärde otyrkaňyz, oňa özüm seredeýin — diýip, German gazete dolanan sagady almakçy boldy.

Polkownik sagady elinden goýbermedi. Ol ýeke sözem diýmedi. Ýöne gabagyna çenli gyzardy. Töweregindäkileriň hemmesi:

— Oňa seretmäge beriň, polkownik. Mehanikadan başy çykýandyr — diýişdi.

— Ony azara goýasym gelenok-da.

— Onuňam bir azary bormy — diýip, German ahyr sagady aldy. — Nemes on pesony-ha ýonar, bitiren goşy-da bolmaz.

German Alwaronyň eýýäm tikin maşynyny işledip oturan ussahanasyna giripdi. Biraz aňyrda, diwara golaý oturan bir gyz ilik tikip otyrdy. Onuň depesinde, diwarda gitara asylgydy, has ýokarda-da: «Syýasat hakda gürrüň etmek gadagan!» diýen ýazgy bardy.

Elinden sagady alnan polkownik näme etjegini bilenokdy. Aýagyny oturgyjyň kese agajyna goýdy.

— Ýagdaý-ha pyrryk, polkownik.

Ol tisginip gitdi.

— Sögünmek gerek däl.

Alfonso polkownigiň köwşüni ýagşyja synlamak üçin, burnundaky äýnegini düzetdi.

— Men köwüş hakda aýdýaryn. Siz-ä indi ýalpyldawugyny geýäýen ekeniňiz — diýdi.

— Muny paýyş sözsüzem aýdyp bolýandyr ahyry — diýip, polkownik jogap gaýtardy-da, ýalpyldawuk köwşüniň oltaňyny görkezdi. — Bu şylha kyrk ýyl boldy, ýöne bütin ömründe ýeke gezegem hapa söz eşiden däldir.

— Taýýar! — diýip, German ussahanadan gygyran badyna sagadyň zarňyldysy eşidildi. Goňşulardan biri diwary tyrkyldatdy-da, aýal sesi:

— Gitara degmäň, Agustiniň ýogalanyna entek bir ýyl bolanok! — diýip gygyrdy.

Hemmeler gülüşdi.

— Bu sagadyň sesi.

German daşy dolanan sagatly daş çykdy.

— Sagat gül ýaly işleýär. Isleseňiz, sizi öýüňize çenli ugradaýyn: ony dogry asmak gerek.

Polkownik boýun towlady.

— Men näçe tölemeli?

Ýene-de öz ornuna geçen German:

— Azara galmaň, polkownik. Ýanwarda horaz tölär — diýdi.

Polkownik amatly pursady elden sypdyrmak islemedi.

— Men saňa bir zat teklip etmekçi — diýdi.

— Näme?

— Men horazy saňa sowgat berýän. — Polkownik oturanlaryň ýüzlerine ünsli seretdi. — Men horazy siziň hemmäňize sowgat berýän.

German geň galyp oňa tiňkesini dikdi.

— Men indi gojalypdyryn — diýip, polkownik dowam etdi. Ol öz sesiniň saldamly çykmagyny isledi.

— Onsoň bu meniň üçin örän uly jogapkärçilik. Ynha, birnäçe aý bäri göwnüme horaz öläýjek ýaly bolup dur.

Alfonso:

— Biynjalyk bolmaň, polkownik. Şu wagt horazlaryň täze peri ösýär, şonuň üçin siziňkiniň-de häzir hamy çişýändir — diýdi.

German ony goldady:

— Bir aýdan dikgerer.

— Barybir, men ony özümde saklamak islämok.

German polkownigi gözi bilen iýäýjek boldy.

— Düşüniň ahyry, polkownik, horazy galýera siziň hut özüňiziň eltmegiňiz zerur.

Polkownik böwrüni diňledi.

— Düşünýärin. Ony şonuň üçin häzire çenli saklap ýörün-dä. — Ol dişlerini gysdy, güýjüni jemläp, dowam etdi: — Uruşdyrma çenli üç aýyň bardygy ýaman.

German düşündi.

— Eger iş şunda bolsa, ondan aňsat zat ýok-la — diýdi.

Soň teklibini aýtdy, hemmesi onuň bilen ylalaşdy.

Polkownik agşam daşy dolanan sagady goltugyna gysyp öýüne dolananda, aýaly ondan göwnüniň geçenini gizläp bilmedi.

— Satmadyňmy? — diýip sorady.

Polkownik:

— Satmadym. Ýöne indi munuň ähmiýeti ýok. Horazy oglanlar iýmlejek — diýip jogap gaýtardy.

* * *

— Tagapyl ediň, garyndaş, men size saýawan bereýin.

Don Sabas edaranyň diwarynda gurnalan şkafy açdy. Onuň içi akan-dökändi: at münülende geýilýän ädikler, üzeňňiler, jylawlar, ökje depgisinden hyryn-dykyn alýumin gapyrjak münder bolup durdy. Ýokarky böleginde alty sany gara ýagyş saýawany we Günden goranmak üçin ala-mula zenan saýawany asylgy durdy. Polkownik: «Bir weýrançylygyň galyndylaryna meňzeýär» diýip oýlandy.

Penjiräniň bosagasyna elini diräp:

— Sag boluň, garyndaş, men gowsy howa açylyşýança garaşaýaýyn — diýdi.

Don Sabas şkafy ýapyp-da durmady. Ol hat stolunyň başynda ýelpewaçdan özüne salkynlyk geler ýaly oturdy, gapyrjakdan deri derman goýberilmegi üçin pagta dolanan sanjym iňňesini çykardy. Polkownik ýagyş zerarly küljümek bolup görünýän badam agaçlaryna seredýärdi. Köçede janly-jemende ýokdy.

— Siziň penjiräňizden ýagyş bütinleý başgaça bolup görünýär. Göýä ol bärde däl-de, başga bir şäherde ýagýan ýaly — diýdi.

— Nireden seredeniňde hem, ýagyş ýagyşdyr-da — diýip, don Sabas seslendi. Ol aýna düşelen hat stolunyň üstünde iňňäni gaýnatmaga goýdy. — Şäher dälde, poh-püsür-le bi.

Polkownik egnini gysyp, edaranyň içinde gezmeledi: ýere ýasy ýaşyl daş düşelipdir, mebeliň ýüzüne açyk reňkli matalar tutulypdyr. Tördäki duzly haltalar, bally meşikler, eýerler bitertip münder bolup durdy. Don Sabas polkownige perwaýsyz nazar aýlady.

Polkownik:

— Siziň ýeriňize bolsam, men-ä beýle pikir etmezdim — diýdi.

Ornaşdy, aýaklaryny biri-biriniň üstüne atyp, kiçijik adamjygyň küýkerip oturan hat stoluna asuda nazar aýlady. Onuň göwresi ýarsandy, tultukdy, bakyşynda, birhili, gurbaga gussasy bardy.

Don Sabas:

— Sizem lukmana görünäýmeli eken, garyndaş. Ol günki gölegçilikden soň, siz öte tukat görünýärsiňiz — diýdi.

Polkownik başyny galdyrdy.

— Men özümi örän oňat duýýaryn.

Don Sabas suw gaýnaýança garaşdy.

— Menem özüm hakda şeýle diýip bilsedim — diýip zeýrendi. — Siz bagtly adam, hatda mis ökje depgisini-de iýip biljek. — Ol özüniň tüý örten we goýy goňur siňňilden doly ellerine dykgat bilen syn etdi. Ogulhajat barmagynda nika ýüzüginden başga-da, gara gaşly ýüzük ýalpyldaýardy.

Polkownik:

— Hawa, başararyn — diýip ylalaşdy.

Don Sabas öýüň ýaşalýan bölegine girilýän gapa tarap öwrülip, aýalyny çagyrdy. Soň ejirli zeýrenip iýmitleniş tertibi hakda gürrüň berip ugrady. Köýneginiň jübüsinden kiçijik çüýşejik çykaryp, nohudyň ululygyndaky ak gerdejigi stolda goýdy.

— Muny hemişe ýanyňda göterip ýörmegiň özem ezýet. Göýä jübiňde ajaly göterip ýören ýaly-da — diýdi.

Polkownik stoluň ýanyna bardy, gerdejigi eline aldy we don Sabas dadyp görmegi teklip edýänçä, oňa seretdi durdy. Don Sabas:

— Muny kofä atýarlar. Bu şeker, ýöne şekersiz — diýdi.

— Düşnükli — diýen polkownik agzynda süýjümtik kakýan tagam duýdy. — Edil jaň sesi ýaly, ýöne jaňsyz.

Aýaly sanjym edenden soň, don Sabas tirsegini stola diräp, ýüzüni aýalarynda gizledi. Polkownik özüni nirä uijagyny bilenokdy. Aýal elektrik ýelpewajy öçürdi, ony seýfiň üstünde goýdy-da, şkafa ýöneldi.

— Saýawanlar maňa, näme üçindir, ölümi ýatladýar — diýdi.

Polkownik ony diňlänokdy. Ol bu gün poçtany garşylamak üçin öýünden sagat dörtde çykypdy. Emma ýagyş ony don Sabasyň edarasynda gizlenmäge mejbur etdi. Katerler zoguny çalanda, ýagyş entegem guýup durdy.

Don Sabasyň aýaly:

— Hemmeler ajaly aýal sypatynda göz öňüne getirýär — diýip, sözüni dowam etdi. Ol ärinden uzyndy, etli-ganlydy, ýokarky dodagynda tüýli meň bardy. Sesi elektrik ýelpewajyň hyzzyldysyna meňzeýärdi.

— Men-ä ony asla beýle göz öňüne getiremok... — Şkafy ýapyp, polkownigiň nazaryna sataşmak isläp, bärsine öwrüldi. — Meniň göwnüme-hä, ol haýwan sypatly ýaly. Toýnakly.

Polkownik:

— Mümkin. Jahanda nämeler bolmaýar — diýdi.

Ol: «Suw geçirmeýän ýapynjaly poçta hadymy häzir, megerem, katere böküp girýän bolsa gerek» diýip oýlandy. Polkownigiň aklawçyny çalşanyna bir aý geçipdi, indi onda jogap tamasyny etmäge esas bardy. Don Sabasyň aýaly polkownigiň özüni diňlemeýänini aňýança, ölüm hakda gürlemegini dowam etdi.

— Garyndaş, endişeli görünýäňiz-le? — diýdi.

Polkownik pikirleriniň arasyny böldi.

— Hawa, garyndaş, men sagadyň eýýäm bäşdigi, horaza bolsa entegem sanjym edilmändigi hakda oýlanýaryn.

Aýal ör-gökden geldi:

— Horaza, sanjym etmelimişin! Ol nä adammy? Bu ne tersalyk! — diýip haýkyrdy.

Don Sabasyň sabyr käsesi doldy. Çym-gyzyl bolan ýüzüni galdyryp, aýalyna:

— Agzyňy bir minutjyk berin ýumsana — diýip buýurdy. Aýaly, dogrudanam, elini agzyna ýetirdi. — Sen eýýäm ýarym sagat bäri öz samsyklygyň bilen garyndaşy bizar edip dursuň.

Polkownik:

— Asla beýle däl — diýip garşylyk görkezdi.

Aýal gapyny gürpüldedip ýapdy. Don Sabas lawanda[18] müşki sepilen ýaglygy bilen boýnuny süpürdi. Polkownik ýene-de penjiräniň öňüne bardy. Ýagyş diňer ýaly däldi. Uzyn sary aýakly towuk boş meýdançany kesip geçdi.

— Horaza, hakykatdanam, sanjym edilýärmi?

Polkownik:

[18] Lawanda – gülüň ady.

— Hawa. Indiki hepde türgenleşik başlanýar — diýdi.

— Bu-ha paýhassyzlyk bolýar. Beýle zatlar siziň üçin däl.

— Ylalaşýan. Emma bu ýagdaý horazyň boýnuny towlamak üçinem sebäp däldä.

— Barypýatan paýhassyzlyk — diýip, penjirä ýönelen don Sabas gaýtalady. Onuň agyr dem alşy körügiň sesini ýadyňa salýardy. Garaýşy bolsa polkownigiň ýüregini awadýardy. Don Sabas:

— Meniň maslahatymy alyň, garyndaş. Siz şol horazy satyň, ýogsam soňra juda giç bolar — diýdi.

— Hiç wagtam juda giç bolýan däldir.

Don Sabas öz diýenine tutdy:

— Öňüni-soňuny ölçeriň ahyry. Sizde bir okda iki towşan urmaga mümkinçilik bar: birinjiden-ä, bu aladalardyr hysyrdylaryň hemmesinden dynarsyňyz, ikinjidenem, jübüňize dokuz ýüz peso salarsyňyz.

Polkownik:

— Dokuz ýüz peso! — diýip gygyrdy.

— Dokuz ýüz peso.

Polkownik pikirlendi.

— Şonça pul bererler öýdýäňizmi?

— Öýdemok. Doly gözüm ýetip dur — diýip, don Sabas jogap berdi.

Ynkylap goşunynyň gaznasyny tabşyrandan soň, polkownige şeýle köp pul bilen iş salyşmak miýesser etmändi. Don Sabasyň edarasyndan çykan mahaly, ýene garnynda güýçli agyry duýdy. Ýöne bu gezek munuň howanyň işi däldigini bilýärdi.

Ol poçtada göni hadymyň ýanyna ugrady.

— Men gyssagly bir hata garaşýan. Awiapoçta bilen gelmeli.

Hadym bukjalaryň hemmesini elden geçirip, ýeke agyz söz diýmezden, ýene öňki ýerlerinde goýdy. Diňe aýalaryny kakyşdyryp, polkownige manyly seretdi.

— Maňa şu gün hat gelmelidi ahyry. Hökman.

Hadym egnini gysdy.

— Diňe ajal hökman gelýändir, polkownik.

Onuň dolanyp gelerine aýaly mekgejöwen ýarmasyny bişiren eken. Ol her çemçeden soň uzak wagtlap pikire çümüp, naharyny sessiz-üýnsüz iýdi. Garşysynda oturan aýaly onuň ugrunyň ýokdugyny duýdy:

— Saňa näme bolýar?

— Men güzerany pensiýama bagly emeldar hakda oýlanýaryn — diýip, polkownik ýalan sözledi. — Elli ýyldan soň, biz-ä gabyrda arkaýyn ýatarys, ol biçäre bolsa özüne pensiýa bellendimikä ýa-da bellenmedimikä diýip pikir edip, her anna güni ezýet çeker ýörer.

Aýaly:

— Bu ýaramaz alamat. Bu seniň ýan berip ugranyňy aňladýar — diýdi. Ol ýene aşyny iýmäge durdy, ýöne bir minutdan adamsynyň ýene pikire çümüp oturanyna dykgat etdi.

— Hany, sowamanka, aşyňy iýsene.

Polkownik:

— Tagamly bolupdyr. Sen mekgejöweni nireden aldyň? — diýdi. Aýaly:

— Horazdan. Ussahananyň oglanlary oňa köp mekge getirdi-de, men özümize hem almagy makul bildim. Ýagdaý-ha, ine, şeýle! — diýip jogap berdi.

Polkownik uludan dem aldy.

— Hawa. Durmuşda şeýlebir zatlar bolup geçýär weli, ýörite oýlabam tapjak gümanyň ýok.

Ol peje daňlan horaza seretdi. Onuň bir zady üýtgän ýalydy. Aýaly-da horaza seretdi.

— Men şu gün çagalary taýaklap kowmaly boldum. Horaza depeletmäge bir garry towuk getiripdirler — diýdi.

Polkownik:

— Bolaýýan zat-da. Obalarda polkownik Aureliano Buendia üçin hem gyzlary getirerdiler — diýdi.

Degişme aýalyna ýarady. Horaz bir zat madyrdan ýaly etdi, onuň madyrdysy uzakdan ynsanyň bogazynda sesini gaýnadyşyna meňzeýärdi. Aýaly:

— Kämahal şu birden gepläberjek ýaly bolubam görünýär — diýdi.

Polkownik ýene horaza seretdi.

— Horaz-a horazjandyr-la. — Ol gäwüşäp oturyşyna, aňynda bir zatlary hasaplaýardy. — Bizi üç ýyllap iýmit bilen üpjün eder bi.

Aýaly:

— Arzuwlar! Arzuwdan aş bişiresiň ýok-la — diýdi. Polkownik:

— Arzuw-hyýaly iýip bolmaz, ýöne ol garnyňy doýrup biler. Bu edil garyndaş Sabasyň täsin dermanlary ýaly bir zat-da — diýip jogap berdi.

Gije ukusynyň mazasy bolmady — şol sanady, hasaplady ýatdy. Ertesi aýaly günorta naharyna ýene mekgejöwen atardy. Aýaly kelam agyz diýmän, başyny galdyrman iýip otyrdy. Polkownik onuň keýpsizliginiň özüne-de geçýänini duýdy.

— Saňa näme bolýar?

— Hiç zat.

Polkownik düşündi: ýalan sözlemek nobaty indi aýalyna ýetipdi. Aýalyny köşeşdirjek boldy, ýöne ol diňlemedi.

— Merhumyň ýerlenenine iki aýa golaý geçen bolsa gerek, men welin onuň ýerine henizem görnemok. Men şol hakda pikir edip otyryn.

Ol şol agşam aýdan ýerine gitdi. Polkownik aýalyny ugratdy, soň bolsa ses güýçlendirijiler arkaly ýaňlanýan saz bilen özüne imrindirýän kinoteatra sowuldy. Öýüniň işiginde oturan tagsyr Anhel märekä seredýärdi — ol özüniň on iki gezek kakan duýduryjy zaňlaryna garamazdan, kimiň kino girjegini barlaýardy. Çagalaryň gykylygy, gulagy deşip barýan saz, girelgäniň öňündäki kiçijik giňişlikdäki ýagtylyk mähelläniň köpdügini mesaňa mälim edýärdi. Bir oglanjyk polkownige agaç tüpeň gezäp:

— Horaz nähili, polkownik? — diýip gygyrdy.

Polkownik ellerini galdyrdy.

— Gezip ýör öz-ä.

Jaýyň ýüz tarapyny «ýarygijelik boý gyz» diýen dürli reňkli bildiriş tutup durdy. Boý gyzyň egninde dilkawyndan bir aýagy görnüp duran meýlis köýnegi bardy. Polkownik tä uzakda ýyldyrym çakyp, gök gübürdäp başlaýança, kinoteatryň golaýynda köw-söw etdi. Şondan soň aýalynyň yzyndan gitdi.

Aýaly merhumyň öýünde ýok eken. Öýe-de dolanmandyr. Diwardaky sagat ýatyp galypdyr, emma polkownik komendant sagadyna çenli az wagt galan bolsa gerek diýip çaklady. Ol tupanyň şähere golaýlaşyşyny diňläp garaşýardy. Aýalyny gözlemäge gitmekçi bolany-da şoldy weli, onuň özi geläýdi.

Polkownik horazy ýatyş otagyna geçirdi. Aýaly çalşyrynyp uly otaga çykdy, ol ýerde polkownik sagada tow berip bolup, ony düzlär ýaly, komendant sagadynyň duýduryşyna garaşyp otyrdy.

Ol:

— Sen nirede bolduň? — diýip sorady.

Aýaly:

— Şol ýerde — diýdi. Ärine seretmän, bulgur bilen legenden suw susup alyp, ýatyş otagyna dolanyp bardy. — Ýagyş şu gün şeýle ir başlar öýdüp, kimiň kellesine geljek?!

Polkownik sesini çykarmady. Surnaý sesini eşidip, sagady düzetdi, penjiräni ýapdy, oturgyjy ýerine süýşürdi. Ýatyş otagyna girende, aýaly tesbisini sanap, doga okaýardy.

Polkownik:

— Meniň sowalyma jogap bermediň-le — diýdi.

— Haýsy sowala?

— Nirede bolduň?

— Şol ýerde düşegim ýumşaýdy-da. Öýden çykman oturanyma ýoňsuzja wagt bolaýypdyr.

Polkownik tor sallançagy asdy. Gapyny gulplady, o çybyn-çirkeýe garşy serişdäni pürkdi. Soň çyrany ýerde goýup gyşardy-da, gussa bilen:

— Men saňa düşünýärin. Garyplygyň iň ýaramaz ýeri — ýalan sözlemäge mejbur edýäni — diýdi.

Aýaly uludan demini aldy.

— Men tagsyr Anheliň ýanynda boldum. Nika ýüzügimi girew goýup, ondan pul alaýjakdym.

— Ýeri, ol näme diýdi?

— «Mukaddes zady girew goýmak günädir» diýdi. — Ol peşehanany aşak goýberdi. — Birki günlükde sagady satmaga synanyşdym. Ýöne ony hiç kim almady, häzir san belgileri yşykly täze sagatlar-da nesýe satylýar. Oňa seredip, garaňkyda hem wagty bilmek bolýar.

Polkownik kyrk ýyl bile ýaşalsa-da, bile açlyk çekilse-de, bile ezýet görülse-de, aýalyny gowy tanamanyna düşündi. Olaryň söýgüsi-de, megerem, garran bolsa gerek.

Aýaly:

— Suratam hiç kime gerek däl. Hemme kişide diýen ýaly şoňa meňzeşi bar. Men hatda türk dükanlaryna-da bardym — diýdi.

Polkownik hapa boldy.

— Ine, şonuň üçinem biziň açlykdan ölýänimizi indi hemme kişi bilýär-dä.

Aýaly:

— Men ýadadym. Erkekler hojalyk barada alada etmeýär. Bişirmäge zadymyzyň ýokdugyny goňşular aňmasyn diýip, men telim gezek peje içi daşly gazan atarypdym — diýdi.

Polkownik utandy:

— Kemsidiji ahwal.

Aýaly peşehanany galdyrdy, onuň tor sallançagynyň ýanyna geldi-de:

— Bu sapalaklardyr hilegärlikleri bes edere çen boldy. Men kaýyllykdanam, mertebedenem gerk-gäbe doýdum — diýende, onuň sesi gahardan ýaňa gödeňsi çykdy.

Polkownigiň ýüzüniň ýeke damary-da tirsildemedi. Aýaly dowam etdi:

— Her gezekki saýlawdan soň, wada berlen durna ýere düşer diýip tama edip ýörmek, ahyrynda-da ogluňy ýitirmek — ine, biziň garaşa-garaşa ýeten zadymyz.

Polkownik bu gyjalatlara eýýäm werdiş bolupdy. Ol:

— Biz öz borjumyzy berjaý edýäris — diýdi.

— Olar bolsa öz borçlaryny ýigrimi ýyllap senatda berjaý etdi, her aýda müň pesony-da jübülerine urdy. Sabas garyndaşy alyp göräý: onuň puly ikigat jaýyna-da syganok. Şähere gelende bolsa entäp ýören söwdagärdi ahyryn. Boýnuna ýylan orap, derman satar ýörerdi — diýip, aýaly jogap gaýtardy.

— Ol süýji keseli sebäpli öljek bolup ýörem-dä.

— Sen bolsaň açlykdan ölýärsiň. Mertebe bilen garny doýrup bolmaýanyna düşün ahyry!

Ýyldyrym çakdy. Daşarda gök gübürdäp, ýatyş otagyna kürsäp urdy, üýşmek daş ýaly, krowatyň aşagyna togalanyp gitdi. Aýaly hasyr-husur tesbisine ýapyşdy.

Polkownik ýylgyrdy:

— Bu saňa diliňi saklap bilmeýäniň üçin. «Hudaý — meniň partiýa egindeşim» diýip, saňa hemişe aýdýardym ahyry.

Aslynda welin, onuň oýun ýadyna düşenokdy. Birsalymdan çyrany öçürip, ýyldyrym bilen paralanýan garaňkylykda ýatyşyna, gamly oýlara çümdi. Makondony ýadyna saldy. Neýerlandiýanyň öz wadasyna wepaly bolaryna polkownik on ýyllap garaşypdy. Ol bir gezek günorta dynç alşynyň melul sagady yssydan demigýän, hatda wagonlaryň depesine dyrmaşyp çykan erkeklerdir aýallardan, haýwanlardan hyryndykyn tot-tozanly sary otlynyň ýetip gelýänini görüpdi. Banan «keseli» başlanypdy. Şäherçe bir gije-gündizde üýtgäpdi. Polkownik şol wagt özüne: «Giderin. Bananyň ysyna ýüregim bulanýar» diýipdi. Ol yzyna gidýän otly bilen 1906-njy ýylyň 24-nji iýunynda, çarşenbe güni, öýlän iki sagat on sekiz minutda Makondodan ugrapdy. Neýerlandiýa synaly bäri ýeke minut hem rahat bolmanyna polkownigiň akyl ýetirmegi üçin ýarym asyr gerek bolupdy.

Ol gözlerini açdy.

— Diýmek, bu barada indi pikir etmek hem gerek däl.

— Näme barada?

Polkownik:

— Horaz barada. Ony ertir irden garyndaş Sabasa dokuz ýüz peso satjak — diýdi.

* * *

Penjiräniň aňyrsyndan biçilen haýwanlaryň naýynjar sesleri, don Sabasyň gykylygy eşidilýärdi. Iki sagat irikge bolandan soň, polkownik: «Eger on minutdan dolanyp gelmese giderin» diýip, özüne söz berdi. Ýöne ýene ýigrimi minut garaşdy. Ahyry ýüregini bire baglap, gitmekçi bolany hem şoldy weli, don Sabas işgärler bilen edarada peýda boldy. Ol polkownigiň hatda ýüzüne-de seretmän, deňinden birnäçe gezek eýläk-beýläk geçdi. Diňe işgärler gidenden soň, polkownige üns berdi.

— Garyndaş, maňa garaşýaňyzmy?

Polkownik:

— Hawa, garyndaş. Ýöne siz iş bilen başagaý bolsaňyz, men başga bir gün geläýerin — diýdi.

Don Sabas muny eşitmedi, ol eýýäm gapynyň aňyrsyndady we şol ýerden:

— Häzir gelýän — diýip gygyrdy.

Günortanyň tüp yssysydy. Edaranyň içi daşardan düşýän Gün şöhlesine gark bolupdy. Yssydan ýaňa tapdan düşen polkownik gabagyny aşak goýberdem weli, gözüniň öňünde aýalynyň keşbi janlandy. Edara jaýyna daraklygyna basyp, don Sabasyň aýaly girdi.

Ol:

— Dynç alyň, dynç alyň, garyndaş. Men häzir tutulary ýapaýyn: bu ýer dowzah ýaly gyzgyn — diýdi.

Polkownik oňa düşünmeýän garaýyş bilen seretdi. Don Sabasyň aýaly tutulary ýapyp, alagaraňkyda geplemegini dowam etdi:

— Siz düýşi köp görýäňizmi?

Ymyzgananyna utanan polkownik:

— Kämahal. Hemişe diýen ýaly hem meniň daşyma kerep saralýar — diýip jogap gaýtardy. Aýal:

— Maňa bolsa her agşam garabasma ezýet berýär. Ine, onsoň men düýşümde görýän adamlarymyň kimdigini bilmek kararyna geldim — diýdi. Ol elektirk ýelpewajy işletdi. — Geçen hepde başujumda bir aýal peýda boldy. Men batyrgaýlanyp, ondan kimdigini soradym. Ol: «Men şu otagda on iki ýyl ozal ýogalypdym» diýdi.

— Öý bary-ýogy iki ýyl ozal gurlupdy ahyry.

— Hut şeýle. Diýmek, hatda merhumlaram ýalňyşýan bolmaly.

Ýelpewajyň hyzzyldysy alagaraňkylygy goýaldýardy. Polkownik ynjalyksyzdy, uky melullygy we düýşlerden merhumlaryň janlanmagynyň syryna geçen aýalyň lakgyldysy ony horlaýardy. Ol hoşlaşmak üçin böwşeňlige garaşýardy, ýöne şol wagt edara jaýyna dolandyryjy bilen don Sabas giräýdi. Aýaly:

— Men saňa çorbany dört gezek gyzdyrdym — diýdi. Don Sabas:

— Ýene on gezek gyzdyryber, ýöne häzir meni günüme goý — diýip jogap gaýtardy.

Ol seýfi açdy, dolandyryja bir daňy pul uzadyp, käbir görkezmeleri berdi. Dolandyryjy tutyny syryp, puly sanap başlady. Don Sabas edaranyň töründe oturan polkownige seretdi, emma onuň ýanyna baraýynam diýmän, dolandyryjy bilen gürrüňi dowam etdi. Olar ýene gitmekçi bolanda, polkownik ýerinden turdy. Eýýäm gapyny açmak üçin elini uzadan don Sabas aýak çekdi:

— Bärläpsiňiz-le, garyndaş?

Polkownik dolandyryjynyň özüne seredýänini gördi.

— Aý, hiç-le. Siziň bilen gürleşäýjekdim.

— Aýdyberiň-dä onda. Men ýekeje minuty-da ýitirip bilemok.

Ol gapynyň tutawajyny sabyrsyzlyk bilen tutup durdy. Polkownik sekuntlaryň — öz ömrüniň iň uzak bäş sekundynyň nähili geçýänini duýdy. Ol dişlerini gysdy-da:

— Men horaz barada gürleşäýjekdim — diýip pyşyrdady.

Don Sabas gapyny açdy. Ýylgyryp, dolandyryjyny çykalga itekläp durşuna:

— Hä, horaz barada... — diýip gaýtalady. — Dünýe agdar-düňder bolaýsyn, garyndaş horazynyň aladasy bilendir — diýdi. Soň polkownige ýüzlenip dowam etdi: — Ýagşy, garyndaş. Häzir gelýän.

Däliziň aňry çetinde olaryň aýak sesleri ýatýança, polkownik otagyň ortasynda gymyldaman durdy. Onsoň köçä çykyp, ýekşenbäniň siýestasy gurşap alan şähere aýlandy. Tikinçilik ussahanasynda hiç kim ýokdy. Lukmanyň iş otagy ýapykdy. Siriýalylaryň dükanlarynda çykarylyp goýlan harytlary hiç kim goranokdy. Derýa polat zolak ýaly ýaldyraýardy. Gämi menzilinde bir kişi başgaby bilen ýüzüni Günden gorap, nebitli çelekleriň üstünde ukyny urýardy. Polkownik öýüne barýarka, özüniň şu mahal tutuş şäherde köçä çykmaga het eden ýeke-täk adamdygyna gözi ýetip durdy.

Günortan naharyny taýýarlap garaşýan aýaly:

— Bulary ertir irden tölejegime söz berip, nesýe aldym — diýip düşündirdi.

Nahar başynda polkownik oňa don Sabasyň edarasynda bolup geçenler barada gürrüň berdi. Aýaly ony darygyp diňledi.

Polkownik gürrüňini gutaranda, ol:

— Saňa tutanýerlilik ýetenok. Belanyň körügi şonda. Özüňi hamala sadaka dileýän ýaly alyp barýaň. Garyndaşy bir çete çekäge-de, gümmi-sümmi edip durman, «Garyndaş, men horazy satmakçy» diýmeli ekeniň — diýdi.

— Durmuşda ähli zat şeýle aňsat bolsady.

Şol günüň säherinde aýaly bilini berk guşady. Äri gelýänçä öýi tertibe saldy, özem üst-başy diýseň üýtgeşikdi: aýagyna ýassykdaşynyň köne köwşüni geýipdi, horoşaja öňlük daňynypdy, kellesine oralan esginiň uçlary gulaklarynyň ýokary ýanynda düwülgidi.

Ol:

— Sen tutan ýeriňi goparyp bileňok. Bir zat satjak bolaňda özüňi hamala sen satyn aljak ýaly alyp barmaly — diýdi.

Aýaly häzirki sypatynda polkownige şoh bolup göründi.

— Hemişe şeýle geýinsene — diýip, ol aýalynyň sözüni böldi. — Sen süleli gapyrjagyň ýüzündäki adamjyga meňzeýärsiň.

Aýaly kellesindäki esgini aýyrdy.

— Meniň gara çynym. Häziriň özünde horazy garyndaşa äkitjek, ýene ýarym sagatdan dokuz ýüz pesoly dolanyp geljegime nämeden jedel etseňem men bar.

Polkownik:

— Şonça puldan başyň aýlanaýdy öýdýän. Sen eýýäm horazy jedele goýup başladyň — diýdi.

Aýalyny pälinden dändirmek hyllalla boldy. Säher bilen aýaly puluň üç ýyla ýetjegini, ikisiniň her annada janhowluna düşen ýaly bolman ýaşap biljegini çaklamaga eýýäm ýetişipdi. Ol dokuz ýüz pesony almaga taýýarlanypdy. Satyn alynmaly iň zerur zatlaryň sanawyny düzüpdi, polkownik üçin täze köwşi-de unutmandy. Aýnany ýatyş otagynyň niresinde goýjaklaryny takyklapdy. Ähli etsem-pessemleriniň duýdansyz puja çykmagy onda utançdyr ahmyryň garyşyk duýgusyny döretdi.

Ol dynç almaga gyşardy. Turanda polkownik howluda otyrdy. Ol:

— Ýeri, sen indi näme edýäň? — diýip sorady.

— Oýlanýaryn.

— Aý, onda hemme zat gül ýaly. Biz şol puly elli ýyla-da ýetirmän alarys.

Polkownik bolsa horazy şol gün agşam satmagy karar etdi. Ol don Sabasyň boş edarada, elektrik ýelpewajyň öňünde gündelik sanjyma garaşyp oturanyny göz öňüne getirdi. Polkownik garyndaşynyň näme diýjegi barada öňünden pikirlendi.

Aýaly:

— Horazy ýanyň bilen alyp git. Harydyňy elin görkezmelisiň — diýip ündeýärdi.

Emma polkownik boýun bolmady. Umydyny ýitirip, jany ýanan aýaly ony howlynyň dereçesine çenli ugratdy.

— Edarasy märekeden doly bolaýsyn, elinden tut-da, tä dokuz ýüz pesony berýänçä goýberäýmegin.

— Görsene muny, biz hamala hüjüme taýýarlanýan ýaly-aýt.

Aýaly onuň sözlerini gulagynyň duşundan geçirdi.

— Horazyň eýesidigiňi, eglişik edýäniň ol däl-de, sendigiňi unutma.

— Bolýar.

Don Sabas lukman bilen ýatyş otagynda otyrdy.

Don Sabasyň aýaly polkownige:

— Pursady sypdyrmaň, onuň bilen edil häzir gepleşiň. Ol mülke ugramagyndan öň lukman bilen maslahatlaşýar. Yzyna penşenbeden bäri dolanmaz — diýdi.

Polkownigi garyşyk duýgular gurşap aldy. Ol horazy satmagy berk ýüregine düwüpdi, şol bir wagtyň özünde-de, gijä galmanyna, don Sabasyň öýünden gitmänkä gelenine gynanýardy.

— Men garaşybam bilerin — diýdi.

Ýöne aýal ony diňlemegem islemedi. Ony ýatyş otagyna eltdi. Don Sabas bulançak gözlerini lukmana dikip, ýumşak düşelen gaba krowatda içki tammanly otyrdy. Polkownik lukman syrkawyň peşewi guýlan çüýşejigi gyzdyryp, bugy ysgap, don Sabasa makullamaklyk bilen baş atýança garaşdy. Lukman polkownige ýüzlenip:

— Muny atyp dynmakdan gowusy ýok. Süýji keseli öte uzaga çekýän kesel, beýdip biz baýlardan hiç wagt dynyp bilmeris — diýdi.

— Şonda-da näletsiňen insulin sanjymlaryňyz bilen eliňizden gelenini edýäňiz-le — diýip, don Sabas myssyk otyrýerinde towsanjyrady. — Ýöne men berkje hozduryn, maňa dişiňiz ötmez. — Soň polkownige ýüzlendi: — Geliň, geçiň, garyndaş. Men irdenem sizi gözledim, ýöne başgabyňyza-da gözüm düşmedi.

— Hiç kimiň öňünde çykarmaz ýaly, men ony geýemok.

Don Sabas geýnip ugrady. Lukman içine seljerilme üçin gan guýlan çüýşejigi penjeginiň jübüsine saldy. Polkownik ol gitmekçidir öýtdi.

— Siziň ýeriňize bolsam, lukman, garyndaşa müň pesolyk töleg hatyny bererdim. Şonda ol iş bilen ber-başagaý bolup ýörmezdi.

Lukman:

— Men oňa eýýäm bir millionlyk ylalaşygy teklip etdim. Süýji keseliniň iň gowy dermany garyplykdyr — diýdi.

Don Sabas gaba garnyny at münülende geýilýän balaga saljak bolup jan edip durşuna:

— Teklibiňiz üçin sag boluň. Ýöne men sizi baý bolmak betbagtlygyndan halas etmek üçin ol maslahatyňyzy peýdalanmaryn — diýdi.

Lukman çemodanyň nikel çaýylan ildirewajynda görünýän dişlerine buýsançly seredip monça boldy. Gyssanmaçlygyň hiç hili alamaty bolmadyk görnüşde sagadyna seretdi. Şol wagt ädigini geýmäge oturan don Sabas polkownige duýdansyz ýüzlendi:

— Ýeri, garyndaş, horazyň ýagdaýy nähili?

Polkownik lukmanyňam jogaba garaşýanyny gördi.

Dişlerini gysdy.

— Erbet däl, garyndaş. Ýöne men ony satmaga geldim — diýip pyşyrdady.

Don Sabas ädigini geýip boldy. Ol hiç zat aňlatmaýan äheňde:

— Gowy edipsiňiz, garyndaş. Bu siziň pikirlenip tapyp biljek zadyňyzyň iň gowsudyr — diýdi.

Polkownik hiç zat aňşyrmaýan lukmanyň ýüzüne seredip durşuna:

— Beýle işler üçin men juda garry — diýip, özüni aklajak boldy. — Häzirkimden ýigrimi ýyl ýaş bolsadym, ähli zat başgaça bolardy.

— Siz hemişe-de öz ýaşyňyzdan ýigrimi ýyl dagy juwan görnersiňiz — diýip, lukman seslendi.

Polkownik demini dürsedi. Don Sabasyň bir zat aýdaryna garaşdy, ýöne ol dymýardy. Syrmaly gaýyş keltekçesini geýip, gapa ýöneldi. Polkownik:

— Eger isleseňiz, indiki hepdede gürleşäýeliň, garyndaş — diýdi.

— Meniň özümem size hut şuny teklip etmekçidim. Meniň bir müşderim bar, siziň horazyňyz üçin dört ýüz peso beräýmegi mümkin. Ýöne penşenbä çenli garaşmaly bolar.

Lukman:

— Näçe? — diýip sorady.

— Dört ýüz peso.

— Men onuň has gymmat durýanyny eşidipdim — diýip, lukman geň galdy.

— Siz maňa dokuz ýüz peso agzapdyňyz — diýip, lukmanyň sözlerine ruhlanan polkownik ýatlatdy. — Ol tutuş etrapda iň gowy horazdyr!

— Başga wagt bolanlygynda oňa müň peso-da bererdiler. Ýöne häzir gowy horazy orta çykarmaga hiç kim ýürek edip bilmez. Galýerada gülle iýmek töwekgelligi hemişe bar — diýip, don Sabas lukmana düşündirdi. Soň polkownige öwrüldi-de aýratyn haýpygelijilik bilen: — Men size hut şuny ýatlatmak isläpdim, garyndaş — diýdi.

Polkownik baş atdy.

— Düşnükli.

Ol däliz içi bilen ikisiniň yzyna düşüp barýardy. Lukmany don Sabasyň aýaly saklady. Ol «duýdansyz peýda bolaga-da, alarladyberýän keselleriň» dermanyny sorady. Polkownik lukmana edara jaýynda garaşdy. Don Sabas seýfi açdy, pullary jübülerine dykyşdyrdy we polkownige dört sany kagyzjyk uzatdy.

— Ynha, size altmyş peso, garyndaş. Horazy satanyňyzda hasaplaşaýarys — diýdi.

Polkownik lukman bilen agşam serginliginiň golaýlaşmagy bilen janlanyp başlan dükanlaryň we dükanjyklaryň deňinden barýardy. Şekerçiňrik ýüklenen barkas[19] aşak ýüzüp barýardy. Polkownik birden lukmanyň şu gün, birhili, juda köp dymýanyna üns berdi.

— Ýeri, onsoň siziň özüňizi duýşuňyz nähili, lukman?

Lukman kibtini gysdy.

— Bir mydar bar. Menem özümi lukmana görkezsem, zyýany degmezdi diýip pikir edýärin.

Polkownik:

— Munuň hemmesine gyş sebäpkär. Ynha, meniňem içimde bir zadyň sepi açylan ýaly — diýdi.

Lukman oňa aladaly nazar saldy, garaýşy-da lukman garaýşy däldi. Soň dükanlarynyň gapylarynyň agzynda oturan siriýalylara ýekänme-ýekän baş atdy. Lukmanyň iş otagyna ýetenlerinde, polkownik ýene horazdan söz açdy.

— Mende başga alaç galmady. Bu janawar adamyň eti bilen iýmitlenýär — diýip düşündirdi. Lukman:

[19] Barkas — kiçeňräk ýük gämisi.

— Adamyň eti bilen iýmitlenýän ýeke-täk haýwan don Sabasdyr. Onuň horazy soň dokuz ýüz peso satjagyny bilipjik durun — diýdi.

— Şeýle bolar öýdýäňizmi?

— Gözüm ýetip dur — diýip, lukman gaýtalady. — Bu iş onuň edil alkald bilen baglaşan meşhur watançylyk ylalaşygy ýaly düşewüntli işjagaz-a.

Polkownik öz gulaklaryna ynanmady.

— Garyndaş öz janyny halas etmek üçin geleşige gitdi. Diňe şol sebäpli-de şäherde galyp bildi — diýdi.

— Diňe şol sebäpli-de ol alkaldyň şäherden kowan adamlarynyň — öz partiýadaş ýoldaşlarynyň emläklerini ýarpy bahasyna satyn alyp bildi — diýip, lukman garşy çykdy. Ol jübüsinden açary tapmady, gapyny kakdy, ýene ýaňky aýdylanlara ynanyp bilmän duran polkownige ýüzlendi: — Beýle mön bolmaň. Pul don Sabasy öz janyndanam has köp gyzyklandyrýar.

Şol agşam polkownigiň aýaly odur-budur satyn almaga çykdy. Ony siriýalylaryň dükanyna çenli ugradyp barşyna, polkownik lukman bilen bolan gürrüňini gaýta-gaýta ýatlady.

Aýaly:

— Häziriň özünde ussahananyň oglanlaryny tap-da, horazyň satylanyny aýt. Biderek ýere tama edip ýörmesinler — diýdi.

— Tä don Sabas dolanyp gelýänçä horaz satylmaz — diýip, polkownik jogap gaýtardy.

Ol Alwaro bilýard oýnalýan jaýynda duş geldi. Ýigit ruletka[20] oýnaýan eken. Şenbe agşamy bolansoň, jaý baş-başa, jan-janady. Doly güýjünde goýberilen radiodan ýaňa yssy has güýçlenen ýalydy. Polkownik uzyn stoluň ýüzüne çekilen gara kleýonkadaky açyk reňkli sanlara seretdi. Stoluň ortasynda, gapyrjagyň üstünde kerosin çyra ýanyp durdy. Alwaro kesirlik edip, zol ýigrimi üçe goýýardy, her gezegem utdurýardy. Oýna onuň egninden üstaşyr syn edip duran polkownik on biriň köplenç utýanyna dykgat etdi.

Alwaronyň gulagyna pyşyrdap:

[20] Ruletka – humarly oýnuň bir gömüşi.

— On bire goý — diýdi.

Alwaro kleýonka çekilen stoluň ýüzüne ünsli seretdi. Indiki oýunda hiç zat goýmady. Jübüsinden petde pul bilen bilelikde bir tagta kagyz çykaryp, ony stoluň aşagyndan polkownige berdi.

— Agustiniň ýazany — diýdi.

Polkownik gizlin çagyryş ýazylan ýaňky el ýaly kagyzy jübüsinde gizledi. Alwaro on birlige birbada köp pul goýdy.

Polkownik:

— Az-azdan başla — diýdi.

Alwaro:

— Siziň duýgurlygyňyz gowy bolmaly — diýip jogap berdi.

Dürli reňkli ullakan tigirçek aýlanyp başlanynda, Alwaronyň gapdalynda oturan oýunçylar birden öz goýumlaryny beýleki belliklerden aýyrdy-da, on bire goýdy. Polkownigiň ýüregi süýşüp gitdi. Humaryň o süýjüsini we ajysyny ilkinji gezek dadyşydy.

Utuş bäşlik belgä düşdi.

— Şeýle bolaram öýtdüm-le. Başganyň işine sokjaryp, nä körüň bar diýsene — diýip, polkownik Alwaronyň pullaryny agaç dyrmyjygyň çekip alşyna seredip durşuna müýnli gepledi.

Alwaro oňa seretmän ýylgyrdy.

— Gamlanmaň, polkownik. Bagtyňyzy söýgüde synap görüň.

Birden mambany[21] ýerine ýetirýän surnaýlar sem boldy. Oýunçylar ellerini galdyryp, dyr-pytrak boldy. Polkownik ýeňsesinde ýarag çakmagynyň hyrsyz, sowuk, aýdyň şakyrdysyny eşitdi. Ol polisiýa gabawyna duş bolanyna düşündi we şobada jübüsindäki kagyz ýadyna düşdi. Elini galdyrman, yzyna çalaja öwrüldi. Ine, şol wagtam — ilkinji gezek — öz ogluny atan adamy gördi. Ol tüpeňi polkownigiň garnyna degrip diýen ýaly, göni öňünde durdy. Kelte boýly, indeýlere mahsus ýüz

[21] Mamba – latyn-amerikan sazy we tansy.

keşpli, hamy gaýzygan kişidi. Onuň ysy körpeje bäbegiňki ýalydy. Polkownik dişlerini gysdy, nili barmaklarynyň ujy bilen bir ýana ýuwaşja sowdy.

— Rugsat ediň — diýdi, soň nazary ýarganatyňky ýaly kiçijik, tegelejik gözlere kaklyşdy. Şol gözler ony bir pursatda ýuwutdy, çeýnedi hem-de yzyna gaýtardy.

— Baş üstüne, polkownik. Geçiň.

* * *

Dekabryň başlananyna göz ýetirmek üçin penjiräni açmagyň zerurlygy ýokdy. Polkownik muny aşhanada horaza ertirlik üçin miwe dograp oturyşyna her süýejigi bilen duýdy. Gapyny açanynda bolsa, howlynyň birgeňsi keşbi ýaňky duýgusyny tassyklady. Otlar, agaçlar, hajathananyň külbejigi ertiriň dury howasynda gaýyp ýören ýalydy.

Aýaly dokuza çenli düşekden galmady. Ol aşhana çykan mahaly polkownik eýýäm otaglary ýygnaşdyrypdy we horazyň daşyna egelenişip oturan çagalar bilen gürleşýärdi. Aýaly pejiň ýanyna barmak üçin olaryň daşyndan aýlanyp geçmeli boldy. Ol horaza ýüz-gözüni egşidip seretdi-de:

— Siz maňa päsgel berýäňiz! Biz bu näletsiňen guşdan haçan dynarkak? — diýip gygyrdy.

Polkownik horaza ünsli seredip, onuň nämesi bilen aýalynyň gaharyny getirenine düşünjek boldy. Horaz bigörkdi, naýynjardy: kekeji dilim-dilimdi, per galmadyk boýundyr aýaklary gök öwüsýärdi. Ýöne synasy birkemsiz guratdy. Ol türgenleşige eýýäm taýýardy.

Çagalar gidensoň polkownik:

— Horazy unut-da, penjireden seretsene. Şeýle säherde ýadygärlik üçin surata düşäýesiň gelýär — diýdi.

Aýaly penjireden boýnuny uzatdy, emma onuň ýüzünden entegem gar ýagýardy. Pejiň ýanyna dolanyp gelşine:

— Meniň bägül ekesim gelýär — diýdi.

Polkownik kerpiçden örülen pejiň ýüzünde aýnany asyp, sakgalyny syrmaga durdy.

— Ekesiň gelýän bolsa, ekibermeli-dä.

Ol päkini aýnada görünýän aýalynyň hereketi bilen sazlaşykly ýöretmäge jan edýärdi.

Aýaly:

— Olary doňuzlar iýer-dä — diýdi.

— Iýende näme?! Bägül bilen bakylan doňuzlaryň eti, baý, süýji bolar-a.

Ol aýalyny aýnada gözledi, ýüz-gözüniň öňküsi ýaly gamaşyp duranyny gördi. Ýalnyň öwüşginlerinde ol hem peç deý, şol bir toýundan ýasalan ýalydy. Polkownik ondan gözlerini aýyrman, uzak ýyllaryň endigi boýunça aýna seretmän syrynmagyny dowam etdi.

Oz pikirlerine gümra aýalyndan uzak wagtlap ses çykmady. Ol ahyry:

— Şonuň üçinem bägül ekesim gelenok — diýip dillendi.

— Bolýa-da, islemeýän bolsaň ekme.

Ol özüni gowy duýýardy. Dekabr onuň içegelerindäki suwotularyny birneme guratdy. Tutuş säheriň dowamynda diňe kelte gonçly täze köwşüni geýmäge synanyşanda, bir ýakymsyzlyga sezewar bolupdy. Birnäçe gezek synanyp, biderek azap edýänine göz ýetirdi-de, gonçsuz ýalpyldawuk köwşüni geýdi. Aýaly muny gördi.

— Eger täze köwşi geýmeseň, ony giňeldip bilmersiň — diýdi.

Polkownik garşy boldy.

— Bu ysmazlaryň köwşi ahyry. Köwşi ilki bir aýlap geýip, şondan soň satsalar gowy bolardy.

Şu gün hökman hat aljagyna berk ynanç duýgusy bilen gurşalyp, polkownik köçä çykdy. Kateriň gelmegine entek esli wagt bolansoň, ol don Sabasyň edarasyna degip geçmegi karar etdi. Ýöne ol ýerde oňa don Sabasyň duşenbeden bärde gelmejegini aýtdylar. Polkownik bu garaşylmadyk eglenme sebäpli ruhdan düşmedi. «Iru-giç ahyr-a geler» diýip özüne göwünlik berdi-de, gämi menziline ugrady. Nurana säheriň entek hiç zat zeper ýetirmedik ajaýyp pursadydy.

Ol siriýaly Moiseýiň dükanyna baryp dyz epdi-de:

— Dekabr arly ýyllap dowam etse gowy bolardy. Özüňi şähdaçyk, ýep-ýeňilje duýýarsyň — diýip pyşyrdady.

Siriýaly Moiseý bu sözleri unudaňkyrlan arap diline geçirmek üçin özüne zor salmaly boldy. Ol ýylmanak ýüzünde ýekeje ýygyrt hem bolmadyk, gark bolanyňky ýaly gowuşgynsyz hereketli, ýuwaş adamdy. Ol, dogrudanam, ýap-ýaňyja suwdan çykarylan ýaly bolup görünýärdi.

Moiseý:

— Ozal şeýledi. Häzirem şeýle bolaýanlygynda men sekiz ýüz togsan alty ýaşy arka atmaly. Sen näçe ýaşamaly? — diýdi.

Poçta hadymyndan gözüni aýyrman oturan polkownik:

— Ýetmiş bäş — diýip jogap gaýtardy. Birdenem sirke gözi düşdi, poçta kateriniň üstünde — münderlenip ýatan ala-mula gülberleriň arasynda onuň ýama salnan çadyryny tanady. Beýleki katerlerde münderlenen gapyrjaklaryň arasynda haýwanlary görjek bolup, hadymy bir pursatlyk gözden ýitirdi. Ýöne haýwanlar görnenokdy.

Polkownik:

— Sirk geläýipdir. Soňky on ýylda ilkinji gezek — diýdi.

Siriýaly Moiseý bu habary aýaly bilen paýlaşdy. Olar arap hem-de ispan sözlerini dürüşde edip gepleşýärdi. Aýaly oňa dükanyň yzyndaky jaýdan jogap berýärdi. Moiseý onuň aýdan sözlerini ilki aňynda aýlady, soň aýalynyň nämäniň aladasyny edýänini polkownige düşündirdi.

— Ol pişigini gizleýär, polkownik. Ýogsam oglanjyklar ony ogurlar-da, sirke satar.

Polkownik poçta hadymynyň yzy bilen ýöneldi. Ol:

— Bu sirkde haýwanlar ýok — diýdi.

— Tapawudy näme. Darbazlar süňkleriniň döwülmezligi üçin pişik etini iýýär.

Polkownik gämi menziliniň dükanjyklarynyň deňi bilen hadymyň yzyna düşüp barýardy. Meýdança ýetende, galýeradan çykýan güýçli sesler onuň ünsüni çekdi. Geçip barýan ötegçi oňa horaz hakda bir zatlary aýtdy. Şu gün türgenleşige

başlamagyň belleneni polkownigiň ýadyna düşdi we ol poçtanyň deňinden geçip gitdi. Aradan bir minut geçmänkä, eýýäm galýeranyň galagoply ýagdaýyna çümüpdi. Ortada onuň horazy durdy: ol ýalňyzdy, gorawsyzdy, dyrnaklaryna esgi oralandy, gorkýany mese mälimdi — muny titreýän aýaklaryndan aňmak bolýardy. Onuň garşydaşy kül reňkli, ýüzi salyk horazdy.

Polkownik horazlaryň darkaşyna biperwaý syn edýärdi. Olar biri-birine zol-zol gazap bilen topulýardy. Aýaklar, boýunlar, perler ýumak ýaly pyrlanýardy. Daş-töwerekdäki şadyýan gykylyk möwç alýardy. Tagta germewe tarap pyzylyp giden kül reňk horaz kellesiniň üstünden omman aşaga-da, ýene söweşe girýärdi. Polkownigiň horazy hüjüm edenokdy. Ol garşydaşynyň ähli hüjümlerini yzyna gaýtarýardy-da, ýene göni öz ornuna baryp durýardy. Indi aýaklary titränokdy.

German germewden böküp geçdi, polkownigiň horazyny göterip, tribunalardaky[22] tomaşaçylara görkezdi. Şowhunly gykylyk, el çarpyşmalar ýaňlandy. Polkownik: «Märekäniň ruhubelentligi-hä çişirilen» diýip oýlandy. Bolup geçýän zatlaryň hemmesi ýasama pyrryldak bolup, horazlaram oňa bilgeşleýin, öz islegi bilen gatnaşýan ýalydy.

Ol bildirer-bildirmez göwnüýetmezçilikli bilesigelijilik bilen tegelek galýera göz aýlady. Göçgünli märeke tribunalaryň basgançaklaryndan ortadaky aýtyma eňdi. Polkownik şatlykly umyt bilen gurşalan göçgünli, gyzaran ýüzlere seretdi. Bular eýýäm başga adamlardy. Bu şäheriň täze adamlarydy. Ine, şol wagt hem, aňyna üýtgeşik bir ýalkym düşen ýaly, ol hakydasynyň gyrak-bujagynda bireýýäm ýitip giden pursatlary ýadyna salyp, ýaňadan örtenip-bişdi. Ýadyna salybam, germewden aşdy-da, märekäni itişdirip barşyna, Germanyň asuda garaýşyna sataşdy. Olar biri-birine gözlerini gyrpman seretdi.

— Gün haýyrly bolsun, polkownik!

Polkownik horazy onuň elinden aldy.

— Şeýle bolsun! — diýip pyşyrdady.

Guşuň gyzgyn galpyldysyny barmaklary bilen duýup, başga hiç zat diýmedi. Ellerinde şu horazdan gaýry hiç bir janly zady duýmagyň özüne hiç wagt miýesser etmäni barada oýlandy.

[22] Tribuna — sport we ş.m. çäreler geçirmek üçin niýetlenen desgalarda tomaşaçylaryň oturýan ýeri.

German geň galyp:

— Siz öýde ýok ekeniňiz — diýdi.

Täzeden ýaňlanan göçgünli el çarpyşmalar onuň sözüni böldi. Polkownik özüni oňaýsyz duýdy. El çarpyşmalardyr gykylyklardan gulagy gapylara gelip, ýene-de hiç kime seretmän, horazy goltugyna gysdy-da dyzap märekäniň arasyndan sogrulyp köçä çykdy.

Tutuş şäher, has takygy, ähli garamaýaklar daşyna mekdep okuwçylaryny üýşürip onuň nirä barýanyna seretmäge çykdy. Meýdançanyň burçunda boýnuna ýylan oran döw ýaly negr stoluň üstüne çykyp derman satýardy. Gämi menzilinden dolanyp gelýän märeke onuň harydyny magtamasyny diňlemek üçin aýak çekdi. Ýöne goltugy horazly polkownigi görüp, hemmesi oňa tarap öwrüldi. Öýe barýan ýol hiç wagt oňa şeýle uzak bolup görünmändi. Polkownik muňa gynananokdy. Şäher on ýyllap ukudan aýňalmandy, wagt onuň üçin doňup galan ýalydy. Emma bu anna güni — ýene bir hatsyz anna güni — şäher oýandy.

Polkownik başga döwri ýatlady: ynha, onuň özi, aýaly we ogly güýçli ýagýan ýagşa garamazdan, teatr oýnunda saýawanyň astynda gizlenip otyr; ynha, saçlary yhlasly daralan partiýa ýolbaşçylary onuň öýüniň howlusynda sazyň depginine görä ýelpewaç bilen ýelpenişip dur. Depregiň tagyrdysy polkownige ezýet berip, gulagynda ýaňlanýardy.

Ol derýanyň gapdaly bilen uzalyp ýatan köçäni kesip geçdi, bu ýerde-de hemme kişi tarapyndan bir eýýäm unudylan saýlawlardaky ýaly, göçgünli märekä gözi düşdi. Märeke sirkiň goş-golamynyň düşürilişine syn edýärdi. Polkownik dükançalaryň biriniň deňinden geçip barýarka, ol ýerden bir aýal horaz hakda bir zat diýip gygyrdy. Emma polkownik düýrmegi bilen özüne berlipdi: göýä galýeradaky ýaňky el çarpyşmalaryň ýaňy mysaly, kalbynda entegem ýaňlanyp duran, uzaklarda galan, unudylan diýen ýaly sesleri diňleýärdi.

Öýüniň öňüne ýetip, çagalara tarap öwrüldi-de:

— Hany, öýli-öýüňize dagaň! Ýogsam häzir elime kemer alýan — diýdi.

Gapynyň sürgüsini itekledi-de, göni aşhana ugrady. Ýatyş otagyndan haşlap çykan aýaly:

— Olar horazy güýç bilen alyp gitdi — diýip gygyrdy. — Men olara «dirikäm horazy size beräýmen» diýdim.

Polkownik horazy peje daňyp, okarajygyndaky suwy çalşyrýarka, aýaly janyýangynly nalamagyny dowam edýärdi.

— Olar bolsa hatda ikimiziň ölümimiziňem öňlerine böwet bolup bilmejegini aýdyp «Horaz size däl-de, tutuş şähere degişlidir» diýip, ony alyp gitdi.

Polkownik diňe aýaly dymandan soň, onuň perişan ýüzüne seredip, oňa ýüreginiň awamaýanyna-da, oňa haýpynyňam gelmeýänine-de geň galdy.

— Olar dogry edipdir — diýip, ol parahat jogap berdi. Soň jübülerini elleşdirip: — Horaz satylmaýar — diýip, birhili, aýratyn ýumşaklyk bilen sözüniň üstüni ýetirdi.

Aýaly ony ýatyş otagyna çenli ugratdy. Polkownik hem-ä adatdakysy ýalydy, şol bir wagtyň özünde-de, göýä aýaly ony ekranda görýän deý daşdady. Ol şkafdaky puly çykardy, jübülerindäkileri-de üstüne goşdy, gaýtadan sanabam, şkafda gizledi.

— Bärde ýigrimi dokuz peso bar, biz ony garyndaş Sabasa yzyna bereris. Galanyny pensiýany alanymyzda üzeris — diýdi.

— Almasak näme?

— Alarys.

— Birden almasak?

— Diýmek, üzmeris.

Krowatyň aşagyndaky täze köwşüni tapdy. Karton gapyrjagy almaga şkafa dolandy, köwşüň oltaňyny esgi bilen süpürdi-de, ony aýalynyň ýekşenbe agşamy getirişi ýaly edip, gapyrjaga saldy. Aýal gozganmady.

Polkownik:

— Köwşi dükana gaýtararys. Bu bolsa ýene otuz peso — diýdi.

— Yzyna almazlar.

— Alaýmaly. Men ony bary-ýogy iki gezejik geýdim — diýip, polkownik garşy çykdy.

— Türkler muňa düşünmeýär.

— Düşünäýmeli.

— Düşünmeseler?

— Düşünmän geçsin.

Olar şamlyk edinmän düşege girdi. Polkownik aýaly doga okap bolýança garaşyp, çyrany öçürdi. Ýöne uklap bilmedi. Ol filmleriň ahlak derejesine baha berilýän jaňy, yz ýanyndan diýen ýaly hem — aslynda bolsa aradan üç sagat geçensoň — komendant sagadynyň duýduryşyny eşitdi. Gijäniň sowuk howasyndan aýaly ýene harlap dem alyp başlady. Aýaly onuň bilen, özi-de bu gezek parahat, ylalaşykly gepleşip başlan mahaly polkownigiň gözleri entek açykdy.

— Sen uklaňokmy?

— Ýok.

— Haýyş edýän: oňatja oýlan. Ertir garyndaş Sabas bilen gürleş.

— Ol duşenbeden bäri gelmez.

— Has hem gowy. Sende pikiriňi üýtgetmäge üç gün bar.

— Pikirimi üýtgedere zat ýok.

Oktýabryň ýürege düşgünç ümür-dumanyndan soň, ýakymly hoştaplyk başlandy. Dekabryň başlany hakgeý guşuň indi başga wagtda gygyrýanyndan bellidi. Sagat iki bitdi, polkownigiň gözüne çiş kakylan ýalydy. Aýalynyňam oýadygyny bilýärdi. Ol tor sallançakda beýlesine agdaryldy.

— Sen uklaňokmy? — diýip, aýaly ýene sorady.

— Ýok.

Aýaly birsalym geplemedi.

— Biziň beýtmäge ýagdaýymyz ýok. Ikimiz üçin dört ýüz pesonyň nämedigi hakda özüň pikir edip gör-ä.

— Indi az galdy, pensiýa bahym geler.

— Men muny on bäş ýyl bäri eşidip gelýärin-ä.

— Ine, şonuň üçin hem, ol indi kän garaşdyrmaz.

Aýaly dilini ýygdy. Ýöne ol ýene gürläp ugranda, polkownige bir sekundam geçmedik ýaly bolup göründi.

— Meniň göwnüme-hä şol pul hiç wagt gelmejek ýaly.

— Geler.

— Gelmese näme?

Polkownik muňa jogap gaýtarmady. Horazyň ilkinji sesi ony oýardy, ýöne ol ýene uklady, özem düýş görmän agyr uka gitdi. Oýananda, Gün al-asmandady. Aýaly entek oýanmandy. Iki sagat gijä galsa-da, polkownik, adatça, irden meşgullanýan zatlarynyň ählisini yzygiderli bitirdi. Ertirlik edinmäge saçak başyna geçer ýaly, aýalynyň oýanaryna garaşdy.

Ol ýatyş otagyndan çykanda, ýüz-gözi gamaşykdy. Birek-birege ertiriň haýyrly bolmagyny diläp, stoluň başyna sessiz-üýnsüz geçdiler. Polkownik süýji zatlar goşulyp ýugrulan hamyrdan bişirilen çörekdir bölek peýnir bilen bir bulgur gara kofe içdi. Günortana çenli wagtyny tikinçilik ussahanasynda geçirdi. Sagat birde öýe dolanyp gelende, aýalynyň begoniýa gülleriniň arasynda oturanyny gördi: ol eşikleriň tikin-çatyny bilen gümrady.

Polkownik:

— Nahar wagty-da boluberen ýaly — diýdi.

Aýaly:

— Nahar ýok — diýdi.

Polkownik kibtini gysdy, çagalaryň aşhana sümlüp geçýän ýerini — germewdäki gädigi beklemäge gitdi. Öýe dolanyp gelende saçak ýazylgydy.

Nahar başynda polkownik aýalynyň gözýaşyny zordan saklaýanyny gördi. Ol howsala düşdi. Aýalynyň häsiýetiniň dogabitdi berkdigini, kyrk ýyllyk hasratdyr mätäçlikden soň has-da berkänini birinden sorap bilmeli däldi; hatda ogly ölende hem gözlerinden ýeke damja ýaş çykarmandy.

Ol aýalyna teýeneli seretdi. Aýaly dodagyny dişledi, gözlerini köýneginiň ýeňi bilen süpürdi-de, ýene nahar iýip başlady.

— Sen meni sylaňok — diýdi.

Polkownik jogap gaýtarmady.

— Sen ynjyk, dikdüşdi adam, özi-de meni birjigem sylaňok. — Ol çemçedir çarşagy atanaklaýyn goýdy, yryma eýeribem, derrew biri-birinden aýyrdy. — Men

saňa tutuş ömrümi bagyş etdim, indi bolsa, gel-gel, horaz seniň üçin menden zyýada boldy duruberdi.

— Beýle däl — diýip, polkownik dillendi.

— Ýok, şeýle — diýip, aýaly ýan bererli däldi. — Saňa meniň aňrymyň golaýlaýanyna düşünerçe wagt boldy. Häzir meniň enter-pelegimi öwürýän zat kesel däl-de, janhowly.

Polkownik tä stoluň başyndan turýança, başga bir söz hem diýmedi.

— Eger horazy satanymdan soň, seniň demgysmadan gutuljagyňa lukman kepil geçse, men ony haýal etmän sataryn. Kepil geçmese — satman.

Polkownik nahardan soň, horazy galýera alyp gitdi. Öýüne dolanyp gelende, aýalynyň ýagdaýy has agyrlaşdy. Ol tiz-tizden hyklap dem alyp, saçy bulaşan halda ellerini serip, dälizde eýläk-beýläk gatnaýardy. Iňrik garalýança şeýtdi ýördi. Soň ärine ýeke agyz söz aýtman, düşegine geçdi.

Komendant sagady jar edilip başlanan mahaly, ol henizem doga okap otyrdy. Polkownik çyrany öçürmekçi boldy, ýöne aýaly ony etdirmedi:

— Garaňkyda ölesim gelenok.

Polkownik çyrany öňküsi ýaly edip ýerde goýdy. Özüni kül-owram edilen ýaly duýýardy. Ähli zady unudasy, uka gidäge-de, kyrk bäş günden, ýigriminji ýanwarda, öýlän sagat üçde galýerada — öz horazy orta çykýan pursatda oýanasy gelýärdi. Emma aýalynyň oýadygy sebäpli, onuň hem gözüne uky gelmeýärdi.

Az salymdan aýaly ýene dillendi:

— Durmuş diýlen şeýle-dä: özgeler iýsinler diýip, özümiz aç gezýäris. Eýýäm kyrk ýyl bäri şeýle.

Polkownik aýalynyň uklanyny-uklamanyny soraryna garaşdy. «Ýok» diýip jogap gaýtardy. Aýal sözüni aýlaw-öwrümsiz, birsydyrgyn äheňde, rehimsizlik bilen dowam etdi:

— Bizden başgasynyň ýüzi utuşa düşýär. Horaza goýara birje sentawo-da çykmajak ýeke-täk maşgala bizdiris.

— Horazyň eýesiniň ýigrimi göterime hukugy bar.

— Saýlawlar mahaly maňlaýyňy ýardyranyňda-da saýlawly wezipä hukugyň bardy — diýip, aýal hüňürdedi. — Raýat urşunda janyňy orta ataňda hem weteranyň pensiýasyna hukugyň bardy. Ýöne illeriňk-ä gülala-güllük boldy, sen bolsa ýeke galyp, açlygyňdan öljek.

Polkownik:

— Beýle güne düşen diňe men däl — diýdi.

Ol aýalyna bir zatlary düşündirjek boldy, ýöne uky bürdi. Aýaly tä äriniň uklanyny görýänçä samyrdady oturdy. Soň peşehanany galdyrdy-da, geplemegini dowam edip, garaňky otagda ikibaka ýöräp ugrady. Polkownik daňdan onuň adyny tutup çagyrdy.

Aýaly ýerde duran çyranyň öçügsi ýagtysynda arwah ýaly bolup, gapyda peýda boldy. Düşege girmezden öň çyrany öçürdi. Ýöne geplemegini dowam etdi.

Polkownik onuň sözüni bölüp:

— Gel, näme edeli diýsene... — diýdi.

— Edip boljak ýeke-täk zat — horazy satmaly.

— Sagady satybam bolar-a.

— Ony hiç kim satyn almaz.

— Ertir ony Alwaro kyrk peso teklip ederin.

— Bermez.

— Onda suraty satarys.

Aýaly ýene düşekden turdy-da, hümürdäp ugrady. Polkownik onuň dermanlyk ot-çöpleriň ysy ornan demini syzdy.

— Ony hem satyn almazlar.

— Görübereris. Häzir ýat. Eger ertir hiç zat satmasak, ýene näme edip boljagy barada akyllaşarys — diýip, polkownik ýumşak, parahat ses bilen jogap gaýtardy.

Ol gözlerini ýummazlyga synanyşdy, emma uky rüstem çykdy. Polkownik gorpa gaçan ýaly uka gitdi. Wagt-da, giňişlik-de duýulmaýan äleme, aýalynyň sözleri hem başgaça mana eýe bolýan dünýä düşdi. Ýöne bir minutdan soň, aýalynyň egninden silterleýänini duýdy.

— Maňa jogap ber ahyry!

Polkownik bu sözleri düýşünde ýa-da huşunda eşidýänini birbada aňşyryp bilmedi. Daň saz beripdi. Penjireden ýekşenbe säheriniň açyk ýaşyl öwüşgini aýdyň görünýärdi. Polkownigiň gyzgyny galyp başlady, gabaklary ýanyp barýardy, ol diňe özüne zor salyp, pikirlerini bir ýere çugdamlady.

— Eger hiç zat satyp bilmesek, biz näme ederis? — diýip, aýaly teý köşeşerli däldi.

Ukudan doly aýňalan polkownik:

— Ondan soň eýýäm ýigriminji ýanwar geler. Ýigrimi göterimi şol günüň özünde töleýärler — diýdi.

— Eger horaz ýeňäýse şeýle. Ýeňmese näme? Onuň ýeňiläýmeginiň mümkindigi kelläňe gelenokmy?

— Biziň horazymyzy ýeňip bilmezler.

— Birden ýeňäýdiler-dä?

— Ýene kyrk bäş gün bar. Bu hakda häzir kelle agyrtmak nämä gerek?

Aýaly janyýangynlyk bilen:

— Ýeri, onsoň biz şoňa çenli näme iýmeli? — diýdi. Äriniň ýakasyndan ebşitläp tutup, batly silterledi. — Aýt-da, biz näme iýeris?

Polkownige şu pursada gelip ýetmek üçin ýetmiş bäş ýyl — minutma-minut, göni ýetmiş bäş ýyl — ýaşamak gerek bolupdy. Ol:

— Poh-püsür iýibiris-dä — diýip, pert hem düşnükli jogap gaýtardy we şol pursat özüni mertebesini goramagy başaran kişi hökmünde duýdy.

***Terjime eden Amanmyrat KIÇIGULOW.***